TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– OBA HOJALYK IŞGÄRLERINIŇ ÇEKÝÄN YHLASLY WE TUTANÝERLI ZÄHMETI NETIJESINDE SAHAWATLY TÜRKMEN TOPRAGYNDA EKINLERIŇ BOL HASYLY KEMALA GETIRILÝÄR, AZYK BOLÇULYGY HAS-DA PUGTALANDYRYLÝAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
16-njy ýanwar, 2026. Belgisi 3/1673



# OBA HOJALYK PUDAGYNYŇ ÖSDÜRILMEGI — AZYK BOLÇULYGYNYŇ KEPILI

**12-nji ýanwarda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we welaýatlarda alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.**

Ilki bilen, welaýatlaryň häkimleri sebitlerde dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdiler.

Bellenilişi ýaly, şu günler bugdaý ekilen meýdanlarda degişli ideg işleri, hususan-da, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek işleri ýerine ýetirilýär. Gowaça ekiljek meýdanlarda tekizleýiş we geriş çekmek, pagta öndürijiler üçin gowaça tohumyny hem-de ýazky ekiş möwsüminde ulanyljak tehnikalary ekişe taýýarlamak işleri alnyp barylýar. Ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak babatda öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp, welaýatlarda ýeralmanyň, gök-bakja ekinleriniň ýazky ekiş möwsümine taýýarlyk görmek, ekin meýdanlarynyň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça zerur çäreler görülýär.

Şeýle-de häkimler welaýatlaryň çägindäki ýaşaýyş jaýlarynyň, jemgyýetçilik binalarynyň ýyladyş ulgamlaryny kadaly işletmek, ilaty elektrik energiýasy, tebigy gaz, agyz suwy bilen üpjün etmek boýunça ýerine ýetirilýän işler, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän desgalardaky gurluşyklaryň barşy barada hasabat berdiler.

Döwlet Baştutanymyz hasabatlary diňläp, oba hojalyk önümçiliginde ýokary netijeleri gazanmak üçin ähli önümçilik tapgyrlarynda agrotehnikanyň kadalarynyň berk berjaý edilmeginiň zerur talap bolup durýandygyny belledi we bu babatda häkimlere anyk tabşyryklary berdi. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan desgalardaky gurluşyk işleriniň ýokary hilli ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewe söz berildi. Ol, ilki bilen, ýurdumyzyň welaýatlarynyň häkimlikleriniň Jemagat hojalygy birleşiklerine satyn alyp beren köp sanly döwrebap awtoulaglary, tehnikalary üçin Arkadagly Gahryman Serdarymyza hem-de Gahryman Arkadagymyza ähli ýaşaýjylaryň adyndan tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi we «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ajaýyp sowgat bolan bu tehnikalaryň jemagat hojalygynyň işini döwrüň talabyna laýyklykda mundan beýläk-de ösdürmäge möhüm goşant boljakdygyny aýtdy.

Soňra wise-premýer ýurdumyzda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, bugdaý ekilen meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg etmek işleri dowam edýär. Gowaça ekişine taýýarlyk görmek maksady bilen, meýdanlarda sürüm, tekizleýiş, geriş we çil çekmek işleri ýerine ýetirilýär. Ekiş möwsüminde pagta öndürijileri ýokary hilli gowaça tohumy bilen üpjün etmek üçin pagta arassalaýjy kärhanalarda tohumlyk pagtany gaýtadan işlemek, gowaça çigitlerini taýýarlamak hem-de olary ekiş möwsümine çenli talabalaýyk saklamak boýunça işler alnyp barylýar. Ýazky ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny möwsüme taýýarlamak, talabalaýyk saklamak boýunça zerur çäreler görülýär. Welaýatlarda ýeralmanyň we gök-bakja ekinleriniň ekiljek meýdanlaryny, tohumlaryny ýazky ekiş möwsümine taýýarlamak boýunça degişli işler geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalyk pudagynyň Türkmenistanyň häzirki zaman ösüşinde aýratyn orun eýeleýändigini, onuň ýurdumyzda azyk bolçulygyny, ekologik abadançylygy üpjün edýän ulgamdygyny belledi we wise-premýere oba hojalygyny döwrüň talabyna laýyklykda mundan beýläk-de ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, häzirki wagtda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işlerine ýene-de bir gezek ünsi çekdi hem-de welaýatlarda gowaça ekiljek ýerlerde sürüm we tekizleýiş işlerini agrotehniki kadalara laýyklykda geçirmegi, pagta öndürijileri gowaça tohumy bilen üpjün etmäge aýratyn üns bermegi, ekiş möwsümine çenli ýokary hilli gowaça tohumyny, ýazky ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny doly taýýar etmegi, bugdaý meýdanlarynda ideg işlerini agrotehnikanyň talaplaryna laýyklykda alyp barmagy, Mary welaýatynda gant şugundyrynyň hasylyny ýygnamak işlerini talabalaýyk geçirmegi, ýeralma we gök-bakja ekinleriniň ýazky ekiş möwsümine taýýarlyk işlerine aýratyn üns bermegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz welaýatlarda pagta we bugdaý öndürijiler bilen hyzmat ediji edara-kärhanalaryň arasynda pagta, bugdaý, Lebap welaýatynda şaly, Mary welaýatynda gant şugundyrynyň hasyly üçin ýerine ýetirilen işler boýunça hasaplaşyklaryň wagtynda geçirilmegine gözegçilik etmegi, welaýatlaryň ekerançylyk meýdanlaryny ýazky ekiş möwsümine taýýarlamak işleri bilen birlikde, ekin meýdanlarynyň daş-töwereginde, suwaryş we şor suw akabalarynda arassaçylyk işlerini talabalaýyk geçirmegi tabşyrdy. Şunuň bilen birlikde, döwlet Baştutanymyz sebitlerde ýaşaýyş jaýlarynyň, mekdepleriň we çagalar baglarynyň ýyladyş ulgamlarynyň kadaly işledilmegine aýratyn üns bermek, ilatyň elektrik energiýasy, tebigy gaz, agyz suwy bilen üpjünçiligini hem-de medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalarda gurluşyk işleriniň alnyp barlyşyny berk gözegçilikde saklamak babatda anyk tabşyryklary berdi.

# MERKEZI SAÝLAW TOPARYNYŇ MEJLISI GEÇIRILDI

*14-nji ýanwarda Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyň mejlisi geçirildi. Onda öňde boljak saýlawlara guramaçylykly taýýarlyk görmek we geçirmek bilen baglanyşykly meselelere garaldy. Mejlise merkezi toparyň agzalary, Demokratik partiýanyň, Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň, Agrar partiýanyň, ýurdumyzyň jemgyýetçilik guramalarynyň jogapkär işgärleri, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.*

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararyna laýyklykda, Ahal welaýatynyň Altyn asyr etrabynyň, Daşoguz welaýatynyň Garaşsyzlyk, Gubadag etraplarynyň, Lebap welaýatynyň Döwletli, Farap, Garabekewül etraplarynyň, Mary welaýatynyň Oguzhan etrabynyň halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlaryny, Lebap welaýatynyň 74-nji «Amyderýa», 79-njy «Darganata», Mary welaýatynyň 104-nji «Peşanaly» we 106-njy «Wekil» saýlaw okruglary boýunça ygtyýarlyk möhletinden öň çykyp giden Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, ygtyýarlyk möhletinden öň çykyp giden welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň hem-de Geňeşleriň çykyp giden agzalarynyň saýlawlaryny 2026-njy ýylyň 29-njy martynda, ýekşenbe gününde geçirmek bellenildi. Şoňa görä, saýlaw möwsüminiň başlanýandygyny yglan etmek mejlisiň gün tertibiniň esasy meselesi boldy. Şunuň bilen baglylykda, saýlawlaryň dürli ugurlaryna degişli meseleleriň giň toplumyna seredildi. Türkmenistanyň ösüşiň demokratik ýoluna ygrarlydygy bilen baglylykda, geçiriljek çäreleriň ähmiýeti nygtaldy.



Pikir alyşmalaryň netijesinde saýlaw möwsüminiň 2026-njy ýylyň 15-nji ýanwaryndan başlanýandygy yglan edildi, şeýle hem okruglaryň we uçastoklaryň çäklerini kesgitlemek bilen bagly meselelere garalyp, hereket edýän okrug we uçastok saýlaw toparlarynyň düzümi seljerildi. Şunuň bilen bir hatarda, saýlawlar boýunça taýýarlanylan gollanmalar tassyklanyldy. Saýlaw toparlarynyň agzalary üçin okuw maslahatlaryny geçirmek meýilleşdirildi.

Mejlisiň dowamynda welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň saýlaw toparlarynyň başlyklarynyň habarlary diňlenildi. Çykyş edenler täze taryhy eýýamda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda jemgyýetçilik durmuşyny demokratiýalaşdyrmaga, saýlawlaryň aýdyňlygyny üpjün etmäge uly üns berilýändigini bellediler. Mejlise gatnaşyjylar saýlawlaryň açyklyk we giň bäsdeşlik esasynda geçirilmeginiň üpjün edilmegini, ilat arasynda degişli düşündiriş işleriniň alnyp barylmagyny ilkinji nobatdaky wezipeleriň hatarynda kesgitlediler. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilen ýylda geçiriljek saýlawlaryň giň gerimli syýasy özgertmeleri durmuşa geçirmekde nobatdaky möhüm ädim boljakdygy nygtaldy.

Saýlaw möwsümine ýokary derejede taýýarlyk görmek maksady bilen, Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi topar saýlawlara taýýarlyk görmek we geçirmek boýunça çäreleriň meýilnamasyny tassyklady. Toparyň agzalary, mejlise gatnaşyjylar bu jemgyýetçilik-syýasy çäräniň ähmiýetine ünsi çekip, saýlawlaryň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegi babatda tagallalaryny gaýgyrmajakdyklaryna ynandyrdylar.

Merkezi saýlaw toparynyň mejlisiniň dowamynda başga-da birnäçe guramaçylyk meselelerine garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.



## Aýsberg täzeden ýüzüşe çykdy

Häzirki wagtda 4170 inedördül kilometr meýdany bolan «A23a» aýsbergi Günorta Atlantikadan Günorta Amerikanyň günorta-gündogaryna tarap süýşüp barýar. ■ 4



## Al-Naslaa gaýasy

Dünýäde tebigy ýagdaýda emele gelen we görenleri haýran galdyrýan täsinlikleriň birnäçesi bar. Bu täsinlikleri göreniňde, öz-özüňe «Nädip emele geldikä?» diýen sowaly bereniňi duýman galýarsyň. ■ 5



## Gyş paslynyň «syýahatçylary»

Ýabany tebigatda ugurtapyjylygy we kämil hereketleri bilen ünsi özüne çekýän jandarlaryň birnäçesi ýaşaýar. ■ 6

# JEMAGAT HOJALYGYNYŇ DÜZÜMLERINE NIÝETLENEN DÖWREBAP TEHNIKALAR GELIP GOWUŞDY

*Ýakynda ýurdumyza jemagat hojalygynyň düzümlerine niýetlenen köp sanly täze tehnikalar gelip gowuşdy. Ajaýyp waka mynasybetli Aşgabat, Ahal, Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlarynyň häkimlikleriniň Jemagat hojalygy birleşiklerinde dabara geçirildi.*



Dabaralaryň dowamynda ýurdumyza gelip gowşan döwrebap tehnikalaryň aýratynlyklaryna üns çekilip, häzirki zaman ulaglary, tehnikalary we enjamlar bilen içgin tanşyldy. Pudak üçin şeýle döwrebap tehnikalaryň satyn alnyp berilmegi ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan işleriň Garaşsyz Türkmenistany ählitaraplaýyn ösdürmek meselesine jogapkärçilikli çemeleşilýändigini aýdyň görkezýär. Munuň özi pudaklaryň häzirki zaman tehnikalarydyr enjamlar bilen yzygiderli üpjün edilmegine aýratyn ähmiýet berilýändiginiň güwäsidir.

Täze, döwrebap tehnikalaryň hatarynda zeý suwuny sorujy we ýokary basyşda lagym ulgamlaryny arassalaýjy awtoulaglar, süpüriji-ýuwujy, gapdalyndan zir-zibil ýükleýän, konteýnerli zir-zibil daşaýan, ýol germew we barýer ýuwýan ýöriteleşdirilen awtoulaglar, ýol ýuwujy-süpüriji kiçi maşynlar, agaç owradyjy, şeýle-de 25 tonnalyk ýük göterijiler, suw daşaýjy, ýol ýuwujy, gidrogaldyryjylar, göteriji enjamly kiçi ýol ýuwujy awtoulaglar, hereketdäki ussahana awtoulaglary, ýörite agyr awtoulaglar tirkegi, ýükleýji ekskawator, öňtaraplaýyn uly ýükleýjiler, tigirli ekskawatorlar, zir-zibil daşaýjy ulag üçin açyk görnüşli konteýnerler, agaçlary göçürmek üçin enjamlar, aýratyn dakylýan enjamlar bar. Şeýle hem pudagyň işgärleri üçin 24 adamlyk awtobuslar satyn alyndy.

Täze tehnikalar halkymyzyň milli däp-dessurlaryna laýyklykda, ak un sepilip kabul edildi hem-de önümçilikde, hyzmat ediş işlerinde howpsuz we uzak wagtlap ulanylmagy arzuwlanyp, olara alajalar daňyldy. Il sylagly ýaşulular doga-dileg edip, olaryň işine ak ýol arzuw etdiler.

Soňra jemagat hojalygy pudagynyň ýöriteleşdirilen awtoulaglary ýollarda hereket edip başladylar. ■ 2



## Ikisi hem bir günde 22-nji çempionlygyny gazandy

Awstraliýanyň Brisben şäherinde geçirilen Tennis boýunça halkara ýaryşda erkekleriň arasynda russiýaly Daniil Medwedew, zenanlardan belarusly Aryna Sabalenka ýeňiji boldy. ■ 7



## 83-nji «Altyn globus» baýraklary gowşuryldy

Kino sungatynda baýrak gowşurylyş möwsüminiň esasy baýraklarynyň biri bolan, Oskaryň buşlukçysy hasaplanýan «Altyn globusyň» ýeňijileri mälim edildi. ■ 8

# Uçýan ýel bekedi

Hytaýly inženerler ýelden energiýa öndürýän täsin desgany synagdan geçirdiler. «S2000 Stratosphere Airborne Wind Energy System» (SAWES) atly äpet halka şekilli desganyň içinde has kiçi birnäçe ýel turbinalary bar. Geliý gazy bilen çişirilen turbina ýerden 2000 metr belentlige çykarylyp, işledildi. Syçuan welaýatynyň Ibin şäherinde geçirilen synagda öndürilen elektrik energiýasy elektrik liniýasyna goýberildi. Synag 30 minut dowam edip, 385 kilowat/sagat töweregi elektrik energiýasyny öndürdi. Işläp düzüjiler bir



SAWES-iň 3 megawat energiýa öndürmäge niýetlenendigini mälim etdiler. Bu täsin desga adaty ýel turbinalaryndan belende çykarylýandygy sebäpli howa akymyndan has netijeli peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Enjamyň uzynlygy 60 metre, beýikligi we ini 40 metre barabar.

SAWES bilen gyssagly ýagdaýlarda ilatly nokady ýa-da başga bir desgany gysga wagtda elektrik energiýasy bilen üpjün edip bolýar. Synagdan geçirilen SAWES-iň içinde 12 sany ýel turbinasy bar.

**Muhammetsadyk ŞIRLIÝEW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# Ýolagçylar kosmos internetinden peýdalanar

«Lufthansa» toparyna degişli bolan 850 töweregi ýolagçy uçarynyň ählisinde «Starlink»-iň interneti elýeterli ediler. Şu ýylyň dowamynda awiakompaniýanyň häzirki bar bolan hem-de indi satyn alynjak uçarlary ýokary tizlikli internet bilen üpjün edilip başlanar. Şeýlelikde, ýolagçylar wideo tomaşa edip, internet bilen bagly işlerini ýerine ýetirip bilerler. Bu hyzmat ähli ýolagçylara tölegsiz hödürlener.



Iri kompaniýalaryň köpüsinde ýolagçylara internet hyzmaty hödürlenýär. Munuň üçin adatça kosmos internetinden peýdalanylýar. «Lufthansa» Ýewropada iň köp uçaryny internet bilen üpjün eden kompaniýa bolar. «SpaceX» kompaniýasyna degişli bolan «Starlink» ulgamy emeli hemralar arkaly ýokary hilli interneti üpjün edýär.

**Gurban GURBANOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, maýor.*

# Jemagat hojalygynyň düzümlerine niýetlenen döwrebap tehnikalar gelip gowuşdy





**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Döwrebap tehnikalar ýurdumyzyň toprak-howa şertleri göz öňünde tutulyp, ýörite gurnalýar. Satyn alynýan tehnikalara bildirilýän şeýle talap olaryň uzak wagtlap, ýokary hilli hyzmat etmegini gazanmakdan ybaratdyr. Jemagat hojalygynyň we beýleki degişli gulluklaryň işiniň talabalaýyk ýola goýulmagy, ilatly ýerlerde ýokary hilli arassaçylyk we abadanlaşdyryş işleriniň geçirilmegi, pudagyň düzüminde kuwwatly tehnikalaryň netijeli peýdalanylmagy häzirki döwrüň möhüm talaby bolup, şunda şäherleriň sagdyn ekologik ýagdaýynyň üpjün edilmegi ileri tutulýar.

Täze tehnikalara erk etmek pudakda köp ýyllardan bäri üstünlikli zähmet çekýän işgärlere ynanyldy. Olar öz iş tejribelerini ulanyp, tehnikalary dolandyrmak arkaly gündelik işlerini ýerine ýetirmäge girişdiler. Satyn alnan kuwwatly tehnikalar jemagat hojalygy pudagynyň tehniki-enjamlaýyn binýadyny has-da pugtalandyryp, öňde goýlan wezipeleri ýokary hilli ýerine ýetirmäge mümkinçilik berer.

Pudagyň işgärleri Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygy belleniljek «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jemagat hojalygy pudagyna berýän yzygiderli goldawlaryndan ruhlanyp, öndürijilikli zähmet çekmek arkaly şanly senäni dabaralandyrmaga öz mynasyp goşantlaryny goşjakdyklaryna ynandyrdylar.

# Kiçi çille



Türkmenleriň ýyldyz senenamasy boýunça 18-nji ýanwardan gyşyň üçünji döwri – kiçi çille başlanýar. Kyrk günläp dowan eden uly çille ornuny kiçi çillä berýär. Türkmen diliniň düşündirişli sözlüginde «çille» sözi gyş paslynyň iň sowuk günleri, gyşyň örküji diýlip bellenilýär. Bu döwür çarwalar üçin hem, daýhanlar üçin hem uly çille bilen birlikde gyşyň iň jogapkärli döwri hasaplanypdyr. Ýigrimi günläp dowam edýän bu döwri halkymyz taýýarlykly garşylapdyr. Çünki kiçi çille gar-ýagyşly sowuk howany, doňakçylygy getiripdir. Ýöne ol uly çilledäki ýaly uzak dowam etmändir. Togsan günläp dowam edýän gyş döwrüniň tas üçden iki böleginiň yzda galmagy, ýaz günleriniň ýakynlaşmagy bilen, bahara mahsus maýyl howalaryňam bolýan günleri az bolmandyr. Howanyň ýygy-ýygydan üýtgäp durmagy bu döwre mahsus ýagdaýdyr.

«Kiçi çillede balam bolsaň damma, uly çillede ganam bolsaň diňme» diýen ata-babalarymyz aýazly, gar-ýagyşly, doňakçylyk günleriniň uly çille döwründe bolanyny kem görmändirler. Her nä-me-de bolsa, kiçi çillede-de howanyň 0 derejeden aşak düşýän günleri az bolmandyr. Ýagan garyň ýerde köp ýatmagy ýaz ekişine taýýarlanan ýerler üçin ýaramly bolupdyr. Garyň ýuwaş-ýuwaşdan eremegi bolsa, topraga siňňin siňip ýeri nemlendiripdir. Suwuň doňmagy mör-möjekleri öldürse, şol bir wagtda haşal otlardan saplamaga hem peýda getiripdir. Güýzde sepilen bugdaý tohumlary mazalyja gögeriş alandan soňra kiçi çillede ösüş almaýan rahat ýagdaýda bolupdyr. Daýhanlar ýaz ekişine taýýarlanmak, ak ekinlere ideg etmek üçin oba hojalyk tehnikalaryny gözden geçirmäge, abatlamaga pursat tapypdyrlar. Bu döwürde miweli agaçlar çyrpylyp, töwerekleri hapa-haşal otlardan arassalanyp, ýaplarda gazuw işleri geçirilipdir. Täze nahallary oturtmak üçin amatly döwür hasap edilen kiçi çille çarwalar üçin hernäçe hasap-synagly döwür bolsa-da, daýhanlara birneme billerini ýazmaga maý tapylypdyr.

Bu döwürde meýdanda garyň köp ýatmagy bilen çarwalara gyşa basylan bedeler bilen gyşlatmak, ýataklary sowuk howadan goramak üçin ýyladyş işlerini geçirmek, dowarlaryň baş sanyny saklap, bu döwürden alyp çykmak zerur bolupdyr. «Kiçi çillede inçe üzülip, ýogyn sozular» diýen pähim hem bu döwürde garaşylmadyk howaly günleriň gabat gelýändiginden habar berýär. Kiçi çille: «Ýalkasam – süýt gatyk iýdirin, gargasam – kellebaşaýak» diýenmiş. Kiçi çille maldarlarda uly synag döwri hasap edilipdir.

**Mollamurt şahyryň:**
***Ýaz gününe ýaraşar ýagyş, ýyldyrym,***
***Gyş çillede joşgun sile ýaraşmaz –***
diýip belleýşi ýaly, ýagyşly günleriň ýazda, doňakçylyk günleriniň çillede köpräk bolany kem görülmändir.

«Gyşy gyş bolmadygyň, ýazy ýaz bolmaz», «Gyş suwy – gyzyl suw», «Çillede suw içen üzüm hiç haçan suwsamaz», «Çillede – çepek, jöwzada – içmek», «Çille gary – ýeriň gany» ýaly nakyllary ýatlasak, sözümiziň üstüni ýetirse gerek. Kiçi çille 7-nji fewralda tamamlanyp, öz ornuny «garagyş» döwrüne berer.

Goý, ýyllarymyz bereketli, gyşlarymyz garly, ýazlarymyz ýagyşly, günlerimiz güneşli gelsin.

**Orazgeldi SAPAROW,**
*Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty, Mejlisiň Daşky gurşawy goramak, tebigatdan peýdalanmak we agrosenagat toplumy baradaky komitetiniň agzasy.*

# Elektroulag satuwy 20 milliondan geçdi

**Geçen ýyl dünýäde elektroulag satuwy 20,7 million birlige deň bolup, rekord derejä ýetdi. Londondaky «Benchmark Mineral Intelligence» atly maslahat beriş kompaniýasy 2025-nji ýylda elektroulag satuwynyň 20 göterim ýokarlanandygyny mälim etdi. Elektroulaglaryň has köp bölegi Hytaýda satyn alnypdyr. Bu ýurtda 12,9**



**million töweregi elektroulag satylypdyr. Geçen ýyl Ýewropa bazarynda ýerlenen elektroulaglaryň 19 göterimi hytaýly brendlere degişli bolupdyr. Bu sebitde elektroulag satuwy 33 göterim ýokarlanypdyr. ABŞ, Kanada we Meksika döwletlerini öz içine alýan Demirgazyk Amerikada geçen ýylyň dowamynda 1,8 million elektroulag ýerlenipdir.**

**Dünýäniň beýleki ýerlerinde elektroulag satuwy 48 göterim artyp, 1,7 million bolupdyr.**

**Nurjahan REJEPMURADOWA,**
***Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.***

# Daşary söwda saldosy rekord derejä ýetdi

**Hytaýyň eksporty geçen ýyl uly ösüş gazanyp, daşary söwda saldosy ilkinji gezek 1 trillion amerikan dollaryndan geçdi. Ýurduň Baş gümrük edarasynyň maglumatyna görä, 2025-nji ýylda eksport 5,5 göterim ýokarlanyp, 3,77 trillion amerikan dollaryna ýetipdir.**



**Ýurduň importy bolsa, ozalky ýyldaky bilen deňeçer – 2,58 trillion dollar bolupdyr. Ýurduň daşary söwda saldosy (import bilen eksportuň tapawudy) geçen ýylyň noýabr aýynda 1 trillion dollardan geçipdi. Ýylyň ahyryndaky ýagdaýa görä bolsa, 1,19 trillion amerikan dollaryna ýetip, bu ugurda rekord goýuldy.**

# Gurluşyk ulgamyna sanly tehnologiýalar ornaşdyrylýar

Täze, 2026-njy – «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň ilkinji günlerinden başlap, ykdysadyýetiň pudaklarynda, medeni-durmuş ulgamlarynda ýokary zähmet joşguny dowam edýär. Hormatly Prezidentimiziň eziz Diýarymyzy dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna çykarmak, halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmek baradaky aladalarynyň çäklerinde gurluşyk pudagy hem yzygiderli ösdürilýär.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Diýarymyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmak, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak maksady bilen, ýurdumyzda döwrebap desgalardyr binalar yzygiderli gurlup ulanylmaga berilýär. Gurluşygy alnyp barylýan desgalarda öz ýurdumyzda öndürilýän gurluşyk serişdeleriniň ulanylmagy, binalaryň gurluşygynyň çalt depginde amala aşyrylmagyna, gurluşygyň özüne düşýän gymmatynyň pes bolmagyna uly ýardam edýär. Şu nukdaýnazardan ugur alnyp, ýurdumyzda gurluşyk materiallaryny öndürýän täze zawodlar yzygiderli ulanmaga berilýär, öňden bar bolanlarynyň durky düýpli täzelenýär.

Häzirki wagtda arhitektura we gurluşyk işleri ylmy-tehniki ösüşler, şäher meýilnamalaşdyrma ýörelgeleri we kadalaşdyryjy-hukuk namalary esasynda alnyp barylýar.

Arhitektura we gurluşyk ulgamy döwlet ösüşiniň, şäherleşmegiň hem-de jemgyýetiň durmuş-ykdysady derejesiniň ýokarlanmagynyň esasy binýadydyr. Bu ugur ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak, infrastruktura ulgamyny kämilleşdirmek hem-de milli medeni gymmatlyklary gorap saklamak bilen baglylykda döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Häzirki döwürde arhitektura we gurluşyk pudagy sanly tehnologiýalaryň, innowasion materiallaryň hem-de energiýa tygşytlaýjy çözgütleriň ornaşdyrylmagy bilen ösdürilýär. «Akylly» binalar, durnukly



ösüş ýörelgelerine esaslanýan taslamalar we ekologiýa taýdan arassa gurluşyk usullary şäherleriň geljekki ösüşinde möhüm orny eýeleýär.

Durnukly ösüş konsepsiýasy arhitektura we gurluşykda energiýa tygşytlaýjy, ekologiýa taýdan arassa we ykdysady taýdan netijeli çözgütleriň ornaşdyrylmagyny talap edýär. Munuň çäklerinde täzelenýän energiýa çeşmelerini ulanmak, «ýaşyl» gurluşyk materiallaryny ornaşdyrmak ulgamlary ösdürilýär.

**Zubeýda JUMAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Serhet institutynyň harby talyby.*

# Kitaphanalar – pähim-paýhasyň çeşmesi

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ýene bir täze ýyly öz şygary bilen beýik maksatlarymyza badalga berip, myratly menzillere sary atardy. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylan 2026-njy ýyl eziz Watanymyzyň okgunly ösüşinde möhüm sepgit bolup, üstünliklerimize dowamat, agzybir halkymyzyň döredijilik ruhuna täze joşgun berdi.

Täze ýylda ýurdumyzyň medeniýet ulgamyny hem has-da ösdürmek ugrunda giň tagallalar edilýär. Üstümizdäki ýylda Ministrler Kabinetiniň ilkinji mejlisinde medeniýet ulgamynyň iş meýilnamalary tassyklandy. Şol meýilnamada kitaphanalaryň hem işini kämilleşdirmek we ösdürmek göz öňünde tutulýar.

Kitaphana işi bilim, medeniýet we jemgyýetçilik ösüşi bilen gönüden-göni baglanyşykly möhüm ugurdyr. Ol kitaplary, okuw gollanmalaryny, ylmy-barlag eserlerini hem-de beýleki neşir önümlerini taýýarlamak, çap etmek we okyjylara ýetirmek işlerini öz içine alýar.

Kitaphana işiniň baş maksady ýokary hilli, ygtybarly we mazmun taýdan baý neşirleri taýýarlap, olary giň okyjylar köpçüligine hödürlemekdir. Kitaphanalaryň we neşirýatlaryň jemgyýetiň medeni mirasyny gorap saklamakda, ýaş nesli terbiýelemekde we ylmy ösüşi goldamakda uly orny bar. Olar milli edebiýaty ösdürýär, dünýä medeniýeti bilen aragatnaşygy berkidýär.

Häzirki wagtda kitaphana işi sanly tehnologiýalar bilen utgaşyp ösýär. Elektron kitaplar, onlaýn platformalar we sanly arhiwler okyjylara maglumatlara has çalt we amatly elýeterlilik berýär. Şeýle-de bolsa, kitaplar öz gymmatyny ýitirmän, bilim we medeniýetiň ygtybarly çeşmesi bolup galýar.

Kitaphana işi bilimli, aňly we ýokary medeniýetli jemgyýeti kemala getirmegiň möhüm serişdeleriniň biridir. Onuň ösdürilmegi ýurduň



ruhy baýlygynyň artmagyna, ylmy we döredijilik mümkinçilikleriniň giňelmegine uly goşant goşýar.

Kitaphanalar we kitaphanaçylyk döwlet tarapyndan goldanylýan we kadalaşdyrylýan medeni-bilim ugurlarynyň biridir. Bu ugur jemgyýetiň intellektual ösüşini üpjün etmek, milli medeni mirasy gorap saklamak hem-de ylym-bilim maglumatlarynyň giň köpçülige ýetirilmeginde wajyp ähmiýete eýedir.

**Laçyn RESULOWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Arzuw şäherçe kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

# Bazar bahasy 4 trillion dollar

«Alphabet» konglomeratynyň bazar nyrhy taryhda ilkinji gezek 4 trillion amerikan dollaryndan geçdi. «Google» kompaniýasyna eýeçilik edýän kompaniýanyň her bir paýnamasynyň bahasy 1,6 göterim gymmatlap, 334,44 dollara ýetdi. Netijede, tehnologiýa kompaniýa-




synyň umumy bazar nyrhy gysga wagtlygyna 4 trillion amerikan dollaryndan geçdi. Mundan ozal «Nvidia», «Microsoft» we «Apple» kompaniýalary hem şeýle sepgide ýetipdi. Kompaniýanyň bazar nyrhy geçen ýylyň sentýabr aýynda 3 trillion dollara ýetipdi.

Soňky ýyllarda, esasan, emeli aň pudagyna maýa goýýan tehnologiýa kompaniýalarynyň girdejisi has çalt depginde artýar.



# Syýahatçylaryň sany artdy

**Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasy geçen ýylyň ýanwar-sentýabr aýlarynda halkara syýahatçylaryň sanynyň 5 göterim artyp, 1,1 milliarda ýetendigini mälim etdi. Daşary ýurtlara gidenleriň azyndan bir gije şol ýurtda bolanlary hasaba alyndy. Bu görkezijiniň 2019-njy ýyldakydan 3 göterim ýokarydygy mälim edildi. «World Tourism Barometer» atly resminamada bellenilişine görä, esasan, Ýewropada we Demirgazyk Afrikada syýahatçylyk has ösüpdir. Afrikadaky ösüş 10 göterim bolupdyr. Dünýäniň iň köp syýahatçy kabul edýän sebiti bolan Ýewropa 9 aýyň dowamynda 625 million myhman barypdyr. Aziýa-Ýuwaş ummany sebitindäki syýahatçylaryň sany 8 göterim artypdyr. Ýurtlar babatda aýdylanda, syýahatçylaryň sany boýunça Braziliýa 45, Wýetnam we Müsür 21, Efiopiýa we Ýaponiýa 18, Günorta Afrika 17, Şri-Lanka we Mongoliýa 16, Marokko 14 göterim ösüpdir.**

**Girdejiler boýunça Ýaponiýa 21, Nikaragua 19, Müsür 18, Mongoliýa we Marokkko 15 göterim ösüp, bu ugurda öňdeligi eýeläpdir.**

**Gurama ýylyň dowamyndaky maglumatlary soňra mälim eder.**

# Ykdysady ösüş has ýokary bolar




Bütindünýä banky global ykdysady ösüşiň ozalky çak edilişinden has ýokary boljakdygyny mälim etdi. Maliýe edarasynyň ýanwar aýyndaky maglumatynda dünýä ykdysadyýetiniň geljek iki ýylyň dowamynda durnukly bolmagynda galjakdygy mälim edildi. Bankyň maglumatyna görä, geçen ýyl global ykdysadyýet 2,7 göterim ýokarlanypdyr. Bu görkezijiniň üstümizdäki ýylda 2,6 göterim, 2027-nji ýylda 2,7 göterim boljakdygy çaklanylýar. Mundan ozal, iýun aýynda ýaýradylan maglumatda dünýä ykdysadyýetiniň 2026-njy ýylda 2,4 göterim, geljek ýyl 2,6 göterim ösmegine garaşylýandygy bellenilipdi.

Ýurtlar barada aýdylanda, ABŞ-nyň ösüş çaklamasy 1,6 göterimden 2,2 göterime ýetirildi. Ýewro sebitindäki ösüş bolsa, 0,8 göterimden 0,9 göterime ýetirildi. Sebitde geljek ýylky ösüş 1,2 göterim bolar. Maglumatda Hytaýyň ykdysady ösüşiniň 2026-njy ýylda 4 göterimden 4,4 göterime, geljek ýyl 3,9 göterimden 4,2 göterime çykmagyna garaşylýandygy bellenildi.

**Ogulgerek IŞANGULYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Kosmos pudagynda garaşylýan täzelikler

**Adamzat uzak ýyllardan bäri asman jisimleri bilen içgin gyzyklanýar. Geçen asyryň ortalarynda atmosferanyň daşyna dürli enjamlar ugradylyp başlandy. Soňra bolsa, adamyň hem kosmosa çykmagyna mümkinçilik döredildi. Halkara kosmos bekediniň işe girizilmegi bilen, 2000-nji ýylyň 31-nji dekabryndan bäri asman giňişliginde hemişe adam bar. Dürli maksatlar üçin ulanylýan kosmos giňişligi has köp özleşdirilýär. 2026-njy ýylda hem bu ugurda dürli taslamalar durmuşa geçiriler. Fewral aýynda NASA-nyň «Artemis II» missiýasy üçin dört astronawtdan ybarat topar Aýyň daşyndan aýlanyp gaýtmak üçin uçurylar. Uçuşyň dowamynda «Orion» kosmos gämisiniň dürli ulgamlary synagdan geçiriler.**

**Marsa uçuşlary ýola goýmak maksady bilen «SpaceX» kompaniýasynyň «Starship» raketasy hem dürli synaglary geçirer.**

**«Blue Origin» kompaniýasy bolsa, «Blue Moon Mark 1» atly enjamy Aýyň günorta polýusyna gondurmagy meýilleşdirýär.**

**Hytaýyň «Tianwen-2» atly enjamy bilen asteroidden nusga almak maksat edinilýär. Şeýle hem «Chang'e 7» kosmos enjamy arkaly Ýeriň hemrasynyň günorta polýusyna ylmy-barlag işlerini amala aşyrmaga niýetlenen robot ugradylar.**

**Dünýäniň ilkinji hususy kosmos bekedi boljak «Haven-1»-iň gurluşygyna başlanmagyna garaşylýar.**

**Ýewropa kosmos agentliginiň Ýapon aerokosmos gözlegleri agentligi bilen bilelikdäki maksatnamasynyň netijesinde döredilen «BepiColombo» kosmos enjamy Merkuriý planetasynyň orbitasyna baryp ýeter. Bu enjamyň uçurylanyna 8 ýyl dolýar. Bulardan başga-da, asman jisimlerini has ýakyndan synlamak üçin täze teleskoplar gurlar.**



ZAMAN TÜRKMENISTAN
**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Ýanwar aýynyň 16-sy, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117925
Belgisi: 3/1673
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Lukmançylyk klasteri – iri göwrümli taslama

***Arkadag şäheriniň lukmançylyk klasteri ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynda täze bir sahypany açýan, döwrebap tehnologiýalary we ylmy gazanylanlary özünde jemleýän iri göwrümli taslamadyr. Bu klaster diňe bir sebit däl, eýsem, halkara derejesinde iň kämil saglygy goraýyş merkezleriniň biri bolmaga dalaş edýär.***

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda», «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2030-njy ýyla çenli Milli maksatnamasynda» kesgitlenen wezipeleriň çäklerinde gurulýan bu lukmançylyk klasteriniň gurluşygyna badalga berlenine 1 ýyl doldy. Şeýle gysga döwürde bu ýerde iri maýa goýum taslamalary durmuşa geçirilip, olaryň enjamlaşdyrylmagyna Ýaponiýanyň, Koreýa Respublikasynyň we beýleki döwletleriň dünýä belli kompaniýalary çekilýär.



Bu ýerde lukmançylykda ulanyljak serişdeleri öndürmek bilen bir hatarda önümçilikde ýerli çig mallaryň ulanylýandygy guwançly wakadyr. Sebitdäki iri lukmançylyk klasterinde ornaşdyrylýan enjamlaryň hil derejesine, öndürijilik ukybyna degişli gözegçilik ýola goýuldy. Şunuň bilen baglylykda, bu ýerde Merkezi Aziýa sebitinde ilkinji gezek ornaşdyrylýan enjamlaryň hiliniň ýokary halkara görkezijilere doly laýyk gelýändigini aýtmak bolar.

Arkadag şäheriniň lukmançylyk klasteriniň önümçilik kärhanalarynda öndürilýän önümler, hususan-da, lukmançylyk lybaslary, sargylar, erginler, derman serişdeleri we beýleki önümler ýurdumyzyň saglygy goraýyş edaralary üçin zerur bolup durýar. Olar ilatyň saglygyny goramakda uly mümkinçiliklere eýedir. Şeýle-de bu önümler dünýä bazarlarynda uly islegden peýdalanýar.

Arkadag şäheri «akylly şäher» konsepsiýasyna esaslanýandygy sebäpli, lukmançylyk klasteri hem doly sanlylaşdyrylýar. Bu ýerde ýerli çig mallardan, aýratyn-da Türkmenistanyň dermanlyk ösümliklerinden dürli görnüşli derman serişdelerini öndürýän kärhanalar ýerleşýär. Arkadag şäherindäki önümçilik kärhanalary halkara standartlaryna laýyk gelýän lukmançylyk serişdelerini öndürýärler. Lukmançylyk sarp ediş serişdeleri: sargylar, sanjym iňňeleri we beýleki bir gezeklik ulanylýan serişdeleriň önümçiligi ýola goýuldy.

Lukmançylyk klasteri ylmy merkezi hem özünde jemleýär. Ýaş lukmanlar bu ýerde Germaniýanyň, Fransiýanyň we beýleki ösen ýurtlaryň lukmançylyk tehnikalarynda tejribe geçip bilýärler.

«Klaster» düşünjesi barada aýdylanda, ol lukmançylyk kömegini bermegiň innowasion usuly bolup, bu ugurdaky beýleki desgalardan we hassahanalardan aýratyn tapawutlanýar. Ol biri-birine ýakyn aralykda ýerleşen, dürli ugurlara ýöriteleşen, ýerine ýetirýän işleri boýunça biri-biriniň üstüni ýetirýän hem-de özara baglanyşykly bolan lukmançylyk edaralarynyň toplumydyr. Arkadag şäherinde gurlan lukmançylyk klasteri derman serişdelerini taýýarlamakda hem bu ugurda döwrebap bilim bermekde, raýatlaryň saglygyny goramakda iň kämil dünýä tejribelerini peýdalanmak bilen, ylmy işleri geçirmäge niýetlenilen innowasion kärhanadyr. Bu lukmançylyk klasteri diňe bir içerki bazar üçin däl, eýsem, eksport üçin hem dürli görnüşli lukmançylyk önümlerini öndürmäge niýetlenendir.




Ösen tehnologiýalar ornaşdyrylýan şäher hökmünde tapawutlanýan Arkadag şäherinde ähli ugurlar bilen bir hatarda saglygy goraýyş ulgamynyň hem geljeginiň bardygyny bellemek bolar. Ýakynda Arkadag şäheriniň lukmançylyk klasteriniň önümleriniň haryt nyşanynyň Bütindünýä Intellektual Eýeçilik Guramasynyň Halkara býurosynyň degişli güwänamasy arkaly tassyklanmagy hem bu aýdanlarymyzyň aýdyň güwäsidir.

**Emine MÄMMEDOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Aýdyň maksatlar – döwrebap ösüşler

***Ýurdumyz bedew badyna deňelýän ösüş depgini bilen ýylyň-ýylyna täze üstünliklere ýetýär. Munuň şeýledigine hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda durmuşa geçirilýän içeri we daşary syýasatyň netijesinde gazanylýan taryhy, halkara ähmiýetli wakalaryň mysalynda aýdyň göz ýetirýäris.***

**Ýakynda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda sanly ulgam arkaly «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ilkinji gezek Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisi geçirildi. Onda üstümizdäki ýyl üçin ýurdumyzyň halk hojalygynyň ähli pudaklary boýunça iş meýilnamalaryna seredilip, olar makullandy.**



**Bellenilişi ýaly, meýilnamalarda makroykdysady durnuklylygy, ýurdumyzyň we sebitleriň durmuş-ykdysady taýdan depginli ösüşini üpjün etmek, maýa goýum syýasatyny kämilleşdirmek, amatly maýa goýum, işewürlik gurşawyny döretmek, sanly ulgamy we döwrebap sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmagy dowam etdirmek ýaly anyk wezipeler kesgitlenýär.**

**Şeýle hem bu ýylda ýurdumyzda döwrebap ugurdaş kärhanalary gurmak, ozal bar bolanlarynyň durkuny täzelemek, elektroenergetika pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny has-da pugtalandyrmak, önümçilige döwrebap tehnologiýalary ornaşdyrmak, ýurdumyzyň öňdebaryjy pudaklarynyň eksport mümkinçiliklerini artdyrmak, önümleriň täze görnüşlerini öndürmek, hereket edýän kärhanalary taslama kuwwatyna çykarmak, awtomobil ýollaryny we köprüleri döwrebaplaşdyrmak, täzelerini gurmak boýunça işleri dowam etdirmek ýaly ugurlarda degişli işleri geçirmek meýilleşdirilýär.**

**Şeýle hem meýilnamalarda içerki bazarda halkyň sarp edýän harytlarynyň bolçulygyny, bahalarynyň durnukly derejesini mundan beýläk-de üpjün etmek, sanly ykdysadyýeti we elektron söwdany ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmek, hususy pudagy ösdürmek boýunça çäreleri amala aşyrmak bilen, importyň ornuny tutýan we eksporta gönükdirilen önümleriň önümçiligini artdyrmak, daşary ýurtlar bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmek, milli harytlarymyzyň dünýä bazarlaryndaky ornuny giňeltmek boýunça çäreler göz öňünde tutulýar.**

**Mundan başga-da, meýilnamalarda ýurdumyzda ulanmaga berlen ulag infrastrukturasyny sebitiň üstaşyr mümkinçilikleri bilen netijeli utgaşdyrmak arkaly ýük dolanyşygyny artdyrmak, toplumyň işine sanly ulgamy ornaşdyrmagy dowam etdirmek, maýa goýumlar üçin amatly şertleri döretmek, halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek ileri tutulýan wezipeler hökmünde kesgitlenildi.**

**Ýurdumyzyň halk hojalygynyň meýilnamalary diňe bir ykdysady ösüşi däl, eýsem, ekologiýa taýdan arassa we sanly tehnologiýalara esaslanýan «ýaşyl» ykdysadyýeti gurmagy hem maksat edinýär.**

**Jemgyýetimizdäki agzybirlik, döredijilikli zähmet merdana we ruhubelent türkmen halkynyň häzirki hem-de geljekki ägirt uly üstünlikleriniň gözbaşy bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, halkymyzyň agzybirliginiň we jebisliginiň has-da berkemegine ýardam edýän bu şanly wakalar döwletimiziň saýlap alan ösüş ýolunyň gurmak we döretmek ýoludygyny alamatlandyrýar.**

**Döwletgeldi HARAÝEW,**
***Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.***

# Eneleriň alkyşy – ömrümiziň serpaýy

Dünýä inen çaganyň ilki bilen nazarynyň didarlaşýan ynsany onuň üçin ýerdäki perişdesi bolan mähriban ejesidir. Ene perzentleriniň her birine ýüreginden orun berer, şeýdip olary ene kalbyndan gaýdýan mähir ýylysy bilen çoýar. Bir gezek akyldarlaryň birinden iň uly güýjüň nämedigini soranlarynda: «Enäniň söýgüsi iň uly güýçdür. Ösümlikler üçin Günüň ýyly çogy nähili ähmiýetli bolsa, körpeje çaganyň ösüp-ulalmagy üçin hem ene mähri gerek» diýip jogap beripdir. Bütin dünýäni özüniň mähri bilen çoýup bilýän enäniň mährine, söýgüsine deňäp boljak zat ýokdur, çünki enäniň ýüregi öz perzent-leri bilendir. Seniň kyn günüňde gynanýan, şat günüňde begenýän ynsan enedir. Bu babatda şahyr goşgy setirlerinde: «Eneň gezip ýörkä ýeriň ýüzünde, Ýaza barabardyr gyşyň howasy» diýýär. Ene köp ýaşan miweli daragt ýalydyr. Şeýle daragtyň miwesi şirin bolýar. Enä bolan hezzet-hormatyň zyýada bolsa, olaryň ýagşy dilegleri tiz hasyl bolar. Pederlerimiz: «Ata-enäniň dogasy oda-suwa batyrmaz» diýipdirler. Ene danalygyň dury çeşmesidir. Ynsan ömri, durmuşyň manysy ene bilen baglydyr. Eneler ýagşylyklaryň ýarany, mähremligiň gözbaşy, perzentleriň penasy, dillerimiziň senasy, bagtymyzyň güwäsidir. «Enesi baryň-eýesi bar» diýlişi ýaly, ene ýüz ýaşasa-da, öz balalarynyň gorag galasy bolýar. Çünki ene öz ömrüni perzendine durmuşyň ähli ugurlary babatda: terbiýe, öwüt bermäge, bilim, ylym öwretmäge, kesp-käre, söýgüli hünärine ugrukdyrmaga bagyşlaýar. Eneler şirin hüwdüleri bilen dünýäde gowulygyň höküm sürýändigini kalbymyza guýýarlar. Ene garaňky ýollarymyzyň şamçyragy, ene mähre mätäç göwünlerimiziň mähir bulagy, söýgiň ummanydyr.

Gahryman Arkadagymyzyň «Enä tagzym - mukaddeslige tagzym» atly ajaýyp eserindäki: «Eneler iliniň bagtynyň dileginde bolup, abatlyk arzuwlary bilen dünýäni ýaşadýarlar» diýen dürdäne setirler kalbyňa nur bolup siňýär. Şonda ene alkyşlaryna beslenen dünýäniň goýnunda bagtyýardygyňa ýene bir ýola göz ýetirýärsiň. Sebäbi enäniň daň säherdäki dilegi, arzuwy - dünýäniň abatlygy, adamzat nesliniň rowaç ýaşaýşy. Çünki ýurt parahat bolanda ene ýüregi rahat bolýar. Çagasyna bagtly ýaşaýyşy sowgat beren eneleriň söýgüsi, arzuwy diňe abatlyk we saglykdyr. Eneler ýaşaýşa jan berýän, Ýer ýüzüniň ajaýyplyklaryny özünde jemleýän mähriban ynsanlardyr. Olaryň barlygynda dünýämiz has-da gözelleşýär. Aslynda, ömür diýilýän bu gyzykly döwrüň özeni, manysy eje diýlip atlandyrylýan şol gudratly jümlede jemlenen bolsa gerek. Ene perzendiniň ilhalar adam bolandygyna seredip, guwanar, gözleri dokunar. Enäniň eli hem, ýüregi hem, gujagy hem gudratly güýç.

Men ejemi özüme iň ýakyn ynsan hasaplaýaryn. Onuň maňa bagyşlaýan mähri, hakykatdan hem, keremli güýje eýe ýaly. Eneler perzendiniň öý-ojakly bolmagyny, agzybir, rahat durmuşda ýaşamagyny arzuw edýän dili senaly, mährem ynsanlardyr. Eziz eneler her bir türkmen maşgalasynyň arzymany, öýüniň bezegidir. Kalbyndaky söýgüsi hem mähri bilen bütin barlygy alaýaz edýän eneleri mukaddes Käbä deňeýäris. Çünki olaryň her bir pähim-parasady öý-ojagyň rysgal-döwletiniň hamyrmaýasydyr, agzybirligiň sakasydyr. Enelerimiziň biziň üçin edýän alkyşlary, arzuw-umytlary, doga-dilegleri bagtymyzyň gözbaşydyr. Maşgala ojagynyň abatlygy, berkararlygy ak öýleriň ýaraşygy bolan mährem enelerimize baglydyr. Ene perzendi üçin hemişe ähli zada taýýar bolan, emma öwezine hiç zat hantama bolmaýan ynsandyr. Onuň razylygyny gazanmak onçakly kyn hem däl, diňe mähirli ýylgyryp bakmak bilen hem enäni bir pursatlyk bagtly edip bolýar.



Bir danadan: «Dünýäde iň çalt kabul bolýan dileg kimiň dilegi?» diýip soranlarynda, «Enäniň dilegi» diýip jogap beripdir. Çünki mähriban eneleriň alkyşy, dilegleri perzentleriniň, agtyk-çowluklarynyň ömür menziliniň arzyly, sarpaly serpaýydyr. Şeýle arzyly serpaýy döredýän enelerimiziň alkyşlary ömür ýolumyzda mydama ýaňlanyp dursun.Enelerimiz dünýämiziň bezegi, ömrümiziň manysy bolup ýaşasyn. Eziz käbelerimizi hormatlaýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun!

**Hurmagül ANNAGURBANOWA,**
*Bäherden etrap bedenterbiýe we sport bölüminiň tälimçi-mugallymy.*

## EDEBIÝAT

**Ýazyjy, şahyr, dramaturg Hemra Şirowyň eserleri birnäçe dile terjime edilip, dürli ýurtlarda çap edildi.**

# Ýazyjy, şahyr, dramaturg

Men bagbançylyk edip, bag ýetişdirip göremsoň, miweli agaçlar bilen bagly käbir hadysadan habarly. Käbir agaçlar gabarasynyň epeýdigine, göräýmäge, allanämedigine seretmezden, hasylsyz, ýek-tük getirýän miwesi hem tagamsyz bolýar. Kä agaç welin, eýýäm boýy ýetenden hasyla durup, miwe baryny getirip başlaýar. Özem onuň miwesi datly bolýar. Beýle agaçlar uzak ýyllaryň dowamynda bol miwe berip begendirýär. Ýazyjylaryň arasynda bol miwe getirip, «Edebi bossanda biten ajaýyp agaç» diýdirýänleri-de bar. Ine, şolaryň biri hem diýseň önjeýli işläp, ençeme eserleri döreden, milli edebiýatymyzy täze belentliklere göteren ýazyjy Hemra Şirowdyr.

Halypa ýazyjy çeper edebiýatyň ähli žanrlarynda ezber işläp, özboluşly eserleri bilen okyjylaryň gyzgyn söýgüsini gazanmagy başardy. Onuň zehin-ukybynyň ägirtdigini, eserleriniň döredijilik gözleglerine örän baýdygyny, hiç kimiňkä meňzemeýän täsin tilsimlerde, özüne mahsus äheňde ýazýandygyny tankytçylar, edebiýaty öwreniji alymlar baryp geçen asyryň 80-nji ýyllarynyň aýaklarynda ykrar etdiler. Munuň ýerlikli bahadygyny ýazyjynyň 1987-nji ýylda çap edilen «Daljygan at» atly powestlerdir hekaýalar, ertekiler ýygyndysynda, 1990-njy ýylda neşir edilen «Maýmyna öwrülen oglanjyk» atly goşgular we poemalar tomlumynda, 1991-nji ýylda çap edilen «Jadygöýüň ýolkasy» atly powestler, hekaýalar, ertekiler ýygyndysynda ýerleşdirilen eserleri doly subut edýär. Özem olaryň hersi 200-300 kitap sahypasyndan geçýän saldamly kitaplar. 1992-nji ýylda şahyryň «Saýlanan eserler» ady bilen goşgular we poemalar ýygyndysy hem okyjylara gowuşýar. «Saýlanan eserler» dürli reňkli suratlar bilen bezelip, kitabyň başynda awtoryň akwarel portreti ýerleşdirilip, örän çeper görnüşde çap edilipdir. Kitabyň başyndaky çaklaňja tanyşdyryş annotasiýada «Görnükli çagalar şahyrynyň «Saýlanan eserleriniň» bir tomlugyna dürli ýyllarda ýazan goşgularynyň, ertekileriniňdir poemalarynyň iň gowulary girýär» diýlip ýazylypdyr. Şol döwürler neşirýatda Gurbandurdy Gurbansähedow, Nury Baýramow, Ýagmyr Pirgulyýew, Italmaz Nuryýew, Hojanepes Meläýew, Saýlaw Myradow, Oraz Akmämmedow, Ahmet Gurbannepesow, Gurbanýaz Daşgynow, Hojageldi Nurmyradow, Kasym Nurbadow, Baýram Sähedow, Rejepmyrat Durdyýew, Bibi Orazdurdyýewa, Ýazjuma Agageldiýew, Esenguly Amanow ýaly ýazyjy-şahyrlaryň işleýän döwri bolup, edebi talaby ödeýän kitaplaryň çykarylmagy ýazyjynyň zehin-başarnygynyň ägirtdigini, ýazýan eserleriniň öwgä mynasypdygyny subut edýär.



Şol ýyllarda Hemra Şirowyň uly ýaşly okyjylar üçin hem «Düýnüm. Şu günüm. Ertäm» (1984 ý.), «Söýgä sygyn» (1993 ý.) atly goşgular we poemalar ýygyndylary çap edilip, okyjylaryň gyzgyn söýgüsine mynasyp bolýar.

Ýazyjy dramaturgiýa žanry bilen hem ykjam meşgullanyp, ençeme sahna eserlerini, kinossenarileri ýazdy. Sahna eserleri respublikan bäsleşiklerine gatnaşyp, birnäçe gezek baýrakly orunlara mynasyp boldy. Mollanepes adyndaky akademiki drama teatrynda režissýor Kakajan Aşyrowyň sahnalaşdyrmagynda, kompozitor Daňatar Hydyrowyň saz bezeginde 1984-nji ýylda «Akpamyk we döwler» erteki-mýuzikli görkezilip başlanýar we birnäçe teatr möwsüminde höwes bilen tomaşa edilýän spektakla öwrülýär. Teatr dili bilen aýdanyňda, hakyky anşlag döräp, dramaturga uly abraý getirýär.





Başda-da belleýşimiz ýaly, Hemra Şirow hemişe edebi gözlegleriň ýşgynda. Onuň surat görnüşli goşgulary, şekilli şygyrlary bolsa diňe türkmen edebiýaty üçin däl, eýsem, dünýä edebiýaty üçin hem täzelikdir. Şonuň üçin hem şahyryň bu eserleri bilen nemes, türk, pars, rus şygyr muşdaklary, edebiýatşynaslary içgin gyzyklandylar, internet ulgamynda şahyry bu şowly edebi-çeper gözlegleri bilen gyzgyn gutladylar.

Ýeri gelende bellesek, ol žurnalistlik ugry bilen hem bütin ömrüniň dowamynda yzygiderli meşgullandy. Gazet-žurnallarda işläp, ýüzlerçe oçerkleri, makalalary, felýetonlary, reportažlary, söhbetdeşlik-interwýulary, resenziýa-synlary ýazdy. Hemra Şirow bu ulgamdaky yhlasy üçin 1979-njy ýylda SSSR Žurnalistler birleşmesiniň agzalygyna kabul edilýär. Onuň oçerkleri žurnalistika degişli bäsleşiklerde birnäçe gezek baýrakly orunlara mynasyp bolýar. Şol döwürde ýörgünli FED fotoapparaty, başga-da birnäçe sylaglar bilen sylaglanýar. Galyberse-de, ol 1996-njy ýyldan başlap, onlarça ýylyň dowamynda üç dilde (türkmen, rus, iňlis) çap edilýän «Standart, hil we howpsuzlyk» žurnalyna baş redaktorlyk edýär. Türkmen döwlet medeniýet institutynda mugallym bolup işlän döwründe bolsa (2007-2015) beýleki dersler bilen bilelikde «Daşary ýurt žurnalistikasy», «Žurnalistikanyň esaslary we teoriýasy» derslerinden sapak berýär.

Ýazyjynyň eserleri türk, pars, nemes, tatar, özbek, gazak, gyrgyz, belarus, çernogor, eston we beýleki dillere hem terjime edilip, dürli ýurtlarda çykdy.

Hemra Şirow kompozitorlar bilen işleşip, ençeme uly göwrümli saz eserleriniň, aýdymlaryň edebi ýazgysyny hem ýazdy. Ol aýdymlaryň käbiriniň döredilenine 40 ýyldan gowrak wagt geçse-de, häzir hem teleradioýaýlymlarda, konsertlerde ussat aýdymçylar tarapyndan ýerine ýetirilýär. Ol Rejep Rejebow, Daňatar Hydyrow, Baýramdurdy Hudaýnazarow, Baýram Hudaýgulyýew, Durdy Nuryýew, Kakabaý Annanepesow, Döwlet Muhamow, Jeren Gurbangylyjowa, Aşyr Abdyllaýew, Aýna Şirowa, Rejep Gutlyýew, Nurberdi Hojaýew, Italmaz Haýdarow ýaly onlarça kompozitorlar bilen aýdymlarydyr opera, operetta, mýuzikl, sazly-drama ýaly uly göwrümli saz eserlerini döretdi.

Hemra Şirow öz döredijilik ömründe önjeýli işläp, täze gözleglere baý, milli edebiýaty baýlaşdyran, belent derejelere göteren şowly eserleriň ýüzlerçesini döretdi. Häzirki wagtda olaryň ählisini diýen ýaly öz içine alýan köp tomly eserler ýygyndysy neşire taýýarlanyldy. Ýazyjynyň 75 ýaş ýubileý toýuna taýýnlanan bu neşir 35 tomdan ybarat bolup, oňa ýazyjynyň 3 romany, 30-dan gowrak powesti, 300-den gowrak hekaýalary we nowellalary, 100-den gowrak sahna eserleri, 30-dan gowrak poemasy, ençeme goşgulary, edebi ulgam baradaky makala-traktatlary, ýatlama hekaýatlary alyndy. Şeýle-de bu uly göwrümli eseriň 3 tomy rus dilinde bolup, olarda ýazyjynyň dürli ýyllarda rus diline terjime edilip, kitaplar görnüşinde, şeýle hem rus dilindäki gazet-žurnallarda çap bolan eserleri, soňky ýyllarda internet ulgamynda ýazyjy barada berlen käbir makalalar, alşan hatlaryndan bölekler ýerleşdirildi.

Ýazyjynyň eserleri Watana söýgi, mukaddesliklere sarpa, söýgä ygrarlylyk, tebigata aýawly çemeleşmek, adamkärçilik, mertlik, halallyk ýaly öwüt-ündewlere örän baý. Şu köp tomly neşiri taýýnlanymyzda, ýazyjynyň eserleriniň wagt synagyna gowy tap getirip bilendigine, asla könelişmändigine göz ýetirdik. Olar ýene-de ençeme arka nesilleri terbiýeläp biler.

Sözümiziň ahyrynda döwürleýin metbugatda täze eserleri bilen ýygy-ýygydan çykyş edip, okyjylary begendirip duran, orta we ýokary okuw mekdeplerinde duşuşyklary işeňňirlik bilen geçirip berýän halypa ýazyjymyza mundan beýläk hem berk jan saglyk, uzak ömür, döredijilik üstünliklerini arzuw edýäris.

**Çaryýar SEÝIDOW,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň mugallymy, kinorežissýor.*

## Paýhaslar

☑ Her bir ynsanyň üç häsiýeti bar: oňa berilýän baha, onuň özüne berýän bahasy, onuň hakyky bolşy.

***Wiktor Gýugo.***

☑ Bagtly adam zady köp bolan däl-de, baryna kaýyl bolandyr.

***Epiktet.***

☑ Bir zada düşünseň ýaşamak ýeňilleşýär. Bir zady duýsaň bolsa agralýar. Ýöne näme üçindir, biz hemişe düşünmek däl-de, duýmak isleýäris.

***Ýewgeniý Grişkowes.***

☑ Durmuşyň bize berýän sowallary iň soňunda jogapsyz galýar.

***Emil Krotkiý.***

☑ Indi biz guşlar ýaly howada uçmagy, balyklar ýaly suwda ýüzmegi öwrendik. Bize diňe bir zat ýetenok: ynsan ýaly ýaşamagy öwrenmek.

☑ Eger masgara bolmakdan gorksaň, konki sürmegi öwrenip bilmersiň. Durmuşyň buzy bolsa örän typançakdyr.

***Jorj Bernard Şou.***

☑ Biz özümizdäki bar bolan kemçilikleri başga adamlarda görsek, olara asla çydap bilmeýäris.

***Oskar Waýld.***

☑ Ýaşamak gerek, söýmek gerek, ynanmak gerek.

***Lew Tolstoý.***

☑ Durmuşy onuň manysyndan has artyk söýmek gerek.

***Fýodor Dostoýewskiý.***

☑ Tutuş durmuşyňy üýtgetjek bolup azara galma, diňe oňa bolan garaýşyňy üýtgetseň ýeterlikdir.

***Ralf Woldo Emerson.***

☑ Üstünlige däl-de, şol üstünligiň berýän gymmatlyklaryna ymtylyň!

***Albert Eýnşteýn.***

☑ Geçmişe seredeňde – telpegiňi aýyr, geljege seredeňde – ýeňiňi çerme!

***Fridrih Şiller.***

☑ Durmuşda käbir zatlary düzedip bolmaz. Olary diňe başdan geçirmeli bolarsyň.

***Somerset Moem.***

☑ Durmuş tupanlaryň sowulmagyna garaşmak däl-de, ýagşyň astynda tans etmegi öwrenmekdir.

***Wiwian Grin.***

☑ Alada ertirki kynçylyklaryňy çözmeýär, ýöne şu günki rahatlygyňy ogurlaýar.

***Çarlz Speržen.***

☑ Peýdasyz ýaşamak – wagtyndan öň gelen ölümdir.

***Gýote.***

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

## gysga setirlerde



**Her gün 400 million kubmetr gaz.** Ýewropa ýanwar aýynyň ilkinji günlerinden bäri her günde 400 million kubmetr suwuklandyrylan tebigy gaz (STG) import edýär. Bu dekabr aýyndaky ortaça görkezijiden birneme pesdir diýip, Ýewropanyň gaz infrastrukturasynyň operatorlarynyň assosiasiýasy habar berýär. Ýewropa 2025-nji ýylda STG importynyň rekordyny täzeledi. Degişli döwürde suwuklandyrylan tebigy gazyň mukdary 142 milliard kubmetre ýetdi, bu bolsa ýyllyk hasapdan 27,5% köpdür.



**Marsda suw bolandygy anyklandy.** Hytaýly alymlar «Çžurun» marsohodyndan alnan maglumatlary öwrenip, mundan 750 million ýyl ozal Marsda galyňlygy dört metre ýetýän ýerasty hemişelik suw gurşawynyň bolandygyny anykladylar. Alymlaryň geçiren barlaglary Marsda öň pikir edilýäninden has köp wagt bäri suwuň bardygyny görkezýär.



**Bäş aýda 10 müň kilometr ýol geçdi.** Türkiýede goralýan deňiz pyşbagasynyň karetta görnüşine degişli bolan pyşbaga bäş aýyň dowamynda 10 müň kilometr aralygy ýüzüp geçdi. Çanagyna hemra arkaly yzarlaýjy enjam berkidilen deňiz pyşbagasy neslini dowam etdirmek üçin grek adalaryna çenli baryp, ýene-de yzyna dolandy. Bu barada Deňiz pyşbagalarynyň ylmy-barlag we dikeldiş merkezi (DEKAMER) habar berdi.



**Ýarysy Hytaýyň paýyna düşýär.** Hytaý çip öndürýän startaplara maýa goýmak babatda beýleki ýurtlardan ep-esli öňde barýar. Hytaý ýarymgeçirijileri işläp düzmek we öndürmek ugrundaky startaplary maliýeleşdirmek üçin 2015 – 2025-nji ýyllar aralygynda 30,25 milliard amerikan dollary sarp etdi. Bu görkeziji agzalan ugur boýunça dünýäde umumy maýa goýumlaryň (57,19 milliard amerikan dollary) 52,9 göterimine deňdir.




**Emeli aňyň täze paýtagty.** Hytaýyň häkimiýetleri Pekin şäherini öňdebaryjy global emeli aň merkezine öwürmek maksady bilen iki ýyllyk emeli aň ösüş meýilnamasyny mälim etdi. Resminama laýyklykda, Pekinde emeli aňyň binýatlyk pudagynyň göwrümini 1 trillion ýuana (takmynan, 140 milliard amerikan dollary) ýetirmek göz öňünde tutulýar. Bu görkeziji 2025-nji ýyl üçin çaklanylandan (450 milliard ýuan) iki esse köpdür.




**ChatGPT: Saglyk statistikasy.** Dünýäde her gün 40 milliondan gowrak adam saglyk bilen bagly islendik bir tema boýunça ChatGPT çat-botyna ýüz tutýar. Bu barada çat-boty işläp düzüji «OpenAI» kompaniýasy habar berýär. Alymlar ABŞ-nyň 1042 sany uly ýaşly ýaşaýjysynyň arasynda sowalnama geçirdiler. Barlagyň dowamynda çat-bot tarapyndan alynýan ähli soraglaryň 5 göterimden gowragynyň saglygy goraýyş bilen baglanyşyklydygy anyklandy.

**Hindileriň ilkinji wodorod otlusy.** Hindistanda wodorod ýangyjy bilen işleýän otlynyň ilkinji synaglaryna başlandy. Synag Jind we Sonipat (Harýana ştaty) şäherleriniň arasyndaky ýolda amala aşyrylýar. Hindileriň wodorod otlusy 8 sany wagondan ybarat bolup, demir ýol ulagyny umumy kuwwaty 2400 kWt bolan iki sany teplowoz herekete getirýär. Otlyny ýangyç bilen üpjün etmek üçin Jind şäherinde elektroliz usuly arkaly wodorod öndürýän ýörite zawod guruldy.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1973-nji ýylda «Lunohod-2» özüniň Aýdaky syýahatyna başlady. Ol 16-njy ýanwarda «Luna-21» stansiýasy tarapyndan Aýa eltildi we 10-njy maýa çenli işledi. Enjam 37-39 kilometr aralygy geçip, rekord goýdy, emma içine tozanyň girmegi sebäpli aşa gyzyp, işini bes etdi. Bu görkeziji ony iň uzak aralygy geçen sowet lunohodyna öwürdi we ol 2015-nji ýyla çenli dünýä rekordyny saklady.**



# Kipriň ÝB-däki ikinji başlyklygy başlandy

Kipr Respublikasy 1-nji ýanwardan başlap, Daniýadan estafetany kabul edip aldy we ýarym ýyllyk möhlet bilen Ýewropa Bileleşiginiň (ÝB) Geňeşinde başlyklyk edip başlady. Bu Kipriň ÝB-däki ikinji başlyklygydyr. Ada döwleti bu wezipäni ilkinji gezek 2012-nji ýylyň ikinji ýarymynda ýerine ýetiripdi.

Kipriň Prezidenti Nikos Hristodulidis mundan ozal öz ýurdunyň ÝB Geňeşiniň ýolbaşçylygyny «ýiti geosyýasy sarsgynlaryň we çaklap bolmajak ýagdaýlaryň fonunda» kabul edip alýandygyny belläpdi. Ol Kipriň ÝB-niň strategik awtonomiýasyny güýçlendirmegiň üstünde işlejekdigine söz berdi. Prezidentiň pikiriçe, bu ädim Ýewropa integrasiýasynyň ösüşindäki zerur tapgyrdyr.

Hristodulidisiň sözlerine görä: «Has awtonom birleşik mümkin bolan ýerinde daşky hyzmatdaşlar bilen hyzmatdaşlyk etmek üçin zerur içki güýji görkezer, şeýle hem zerur bolan ýagdaýynda garaşsyz hereket eder».




Ada döwletiniň Baştutany öz öňünde bäş sany esasy maksady goýdy: howpsuzlygy üpjün etmek we goragy güýçlendirmek; çökgünliklere taýýarlygy ýokarlandyrmak; bäsdeşlige ukyplylygy artdyrmak we dünýä has açyk bolmak; ählumumy gymmatlyklary öňe sürmek; özözüni üpjün edip bilýän birleşigi goldajak býujeti kemala getirmek.

### Ileri tutulýan ugurlar

Prezident başlyklyk döwrüniň ileri tutulýan ugurlary hökmünde goranmagy we howpsuzlygy (şol sanda energetika howpsuzlygyny), ykdysady durnuklylygy, migrasiýa akymlaryny netijeli dolandyrmagy, sanly özygtyýarlylygy we sebitara baglanyşygy pugtalandyrmagy, şeýle hem ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylaryny yzygiderli azaltmagy öňe sürdi.

Mundan başga-da, Kipr kanunyň rüstemligini berkitmek, çagalary goramak, internet howpsuzlygyny kepillendirmek, gender deňligini goldamak, garyplygy azaltmak we elýeterli ýaşaýyş jaýy bilen üpjün etmek başlangyçlaryna aýratyn üns berer.

### Daşary syýasat we Kipr sammiti

Daşary syýasatda Kipr ÝB-niň giňelmegine we halkara giňişliginde Ýewropa Bileleşiginiň ornuny ýokarlandyrmaga çalyşýar. Nikosiýa şeýle hem ABŞ, Beýik Britaniýa we beýleki pikirdeş ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy strategik ugur hökmünde görýär. Kipr suw gytçylygy meselesini çözmäge we ÝB-niň Ýakyn Gündogar ýurtlary bilen syýasy-ykdysady gatnaşyklaryny ýakynlaşdyrmaga aýratyn ähmiýet berýär. Şonuň çäginde, Hristodulidis 23-24-nji aprelde Nikosiýada geçiriljek ÝB-niň resmi däl sammitine Ýakyn Gündogar we Ortaýer deňzi ýurtlarynyň liderlerini çagyrdy.

Kipriň başlyklyk edýän döwründe adada jemi 260-dan gowrak çäre geçiriler we oňa Ýewropadan 30 müňe golaý myhmanyň gatnaşmagyna garaşylýar.

# Ýewropanyň medeni paýtagtlary

Finlýandiýanyň Oulu we Slowakiýanyň Trençin şäherleri 2026-njy ýylda Ýewropanyň medeni paýtagtlary hökmünde saýlandy. Bu barada Ýewropa Komissiýasy habar berdi. Ýewropa Geňeşiniň goldawy bilen, ýylyň dowamynda bu şäherlerde Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlaryň baý medeniýetini açyp görkezýän dürli medeni çäreler, sergiler we sungat çykyşlary geçiriler.

16–18-nji ýanwarda Oulu şäherinde medeni ýylyň açylyş dabarasy bolar. Onuň maksatnamasy «Medeniýet we howanyň üýtgemegi» diýlip atlandyrylyp, döwrüň möhüm ählumumy meselelerini medeniýetiň üsti bilen görkezmegi maksat edinýär.

Trençin şäherinde bolsa 13–15-nji fewralda ýylyň medeni paýtagty derejesine bagyşlanan festiwal geçiriler. «Bilesigelijiligiň oýanyşy» diýlip atlandyrylýan bu taslama adamlary geçmiş bilen geljegiň, hyýal bilen hakyky durmuşyň arasynda täze köprüleri gurmaga ruhlandyrmaga gönükdirilendir.

«Ýewropanyň medeni paýtagtlary» başlangyjy eýýäm 40 ýyl bäri dowam edip



gelýär. Bu taslama bileleşigiň şäherleriniň ýaşaýjylaryna medeni köpdürlilige hormat goýmaga, dürli medeni maksatnamalara gatnaşmaga hem-de ýerli we sebit ösüşine goşant goşmaga mümkinçilik berýär.

# «Kawasaki» dünýäniň iň uly wodorod tankerini gurar

Ýaponiýanyň «Kawasaki Heavy Industries» kompaniýasy 6-njy ýanwarda «Suiso Energy» kärhanasy bilen bilelikde dünýäniň iň uly suwuklandyrylan wodorod tankerini gurmak barada şertnama baglaşandygyny mälim etdi. Täze gäminiň göwrümi 40 müň kubmetr bolar.

Gämi «Kawasaki» kompaniýasynyň Ýaponiýanyň günbatarynda ýerleşýän Sakaide şäherindäki kärhanasynda gurlar. Ýatlap geçsek, bu ugurda kompaniýanyň uly tejribesi bar: 2021-nji ýylda «Kawasaki» kompaniýasy göwrümi 1250 kubmetr bolan dünýäniň ilkinji suwuklandyrylan wodorod tankerini – «Suiso Frontier» gämisini gurdy. Şol gämi 2022-nji ýylda Ýaponiýa bilen Awstraliýanyň arasyndaky synag taslamasyna gatnaşyp, wodorody deňiz arkaly howpsuz daşamagyň mümkindigini iş ýüzünde subut etdi.




Kompaniýanyň wekilleriniň bellemegine görä, täze gämi 2030-njy ýyllarda dünýäniň wodoroda bolan islegini kanagatlandyrmak we bu ugruň täjirçilik zynjyryny döretmek üçin niýetlenendir. «Kawasaki Heavy Industries» öň suwuklandyrylan tebigy gaz tankerleriniň esasy öndürijisi hökmünde gazanan üstünligini indi wodorod pudagynda gaýtalamagy maksat edinýär. Kompaniýa global energiýa geçişini we senagatda zyýanly gazlary azaltmagy üpjün etjek esasy element hökmünde wodorodyň ulanylyşyny giňeltmegi meýilleşdirýär.

# Täze audio-modelini hödürlär

«OpenAI» kompaniýasy şu ýylyň birinji çärýeginde täze audio-modelini tanyşdyrmagy meýilleşdirýär. Bu taslama ses arkaly dolandyrylýan enjamlary döretmek ugrundaky möhüm ädim bolar. Bu barada «The Information» neşiri kompaniýanyň ynamdar çeşmelerine salgylanyp habar berýär.

Neşiriň berýän maglumatyna görä, «OpenAI» audio-modelleri gowulandyrmak maksady bilen, inženerçilik, önümçilik we barlag bölümleriniň birnäçe toparyny ýeke-täk başlangyjyň çäklerinde birleşdirdi. Kompaniýanyň hünärmenleri häzirki audio-modelleriň takyklyk we tizlik taýdan tekst modellerinden yza galýandygyny belleýärler.

Şeýle-de häzirki wagtda «ChatGPT» ulanyjylarynyň diňe az sanly böleginiň ýazuw däl-de, sesli interfeýsi ulanmagy makul görýändigi bellenilýär. «OpenAI» audio-modelleriň düýpli kämilleşdirilmeginiň ulanyjylaryň endiklerini üýtgetjekdigine we sesli interfeýsiň meşhurlygyny artdyrjakdygyna ynanýar. Bu bolsa modelleri we önümleri has giň gerimli enjamlara, mysal üçin, awtoulaglara ornaşdyrmaga mümkinçilik berer.




«OpenAI» ilki bilen audio-enjamlara gönükdirilen tehniki önümleriň hataryny çykarmagy meýilleşdirýär. Kompaniýanyň içinde geljekki enjamlaryň dürli görnüşleri, şol sanda «akylly» kolonkalaryň we äýnekleriň dizaýnlary ara alnyp maslahatlaşylýar. Emma esasy üns ekrana däl-de, sesli dolandyryş interfeýsine gönükdiriler.

# Ekwatorial Gwineýanyň paýtagty göçürildi

Ekwatorial Gwineýanyň paýtagty Respublikanyň howpsuzlygyny berkitmek we logistikany gowulandyrmak maksady bilen, adadan ýurduň gury ýer bölegine göçürildi. Ýurduň Prezidenti Teodoro Obiang Ngema Mbasogo degişli karara gol çekip, Sýudad-de-la-Pas şäherini Respublikanyň täze paýtagty diýip yglan etdi. Ýurduň öňki paýtagty Malabo şäheridir.

– Biz hökümet edaralarynyň howpsuzlygyny kepillendirmek we ýurdumyzyň ähli sebitleriniň sazlaşykly ösüşini üpjün etmek maksady bilen, hökümetiň merkezini Sýudad-de-la-Pasa göçürmeli diýen netijä geldik – diýip, «Guinea Ecuatorial Press» neşiri karardan bölekleri getirýär. «Malabo adada ýerleşýändigi sebäpli, daşarky howplara garşy ejiz bolmagynda galýar. Şol bir wagtyň özünde, yklymyň merkezinde ýerleşýän täze paýtagt Ekwatorial Gwineýanyň her bir raýaty üçin özygtyýarlylygyň girewine we ösüşiň hereketlendiriji güýjüne öwrüler» – diýlip, neşirde bellenilýär .

Sýudad-de-la-Pas (Parahatçylyk şäheri) şäheriniň gurluşygyna 2012-nji ýylda başlandy. Şäher Ekwatorial Gwineýanyň yklym böleginiň edil merkezinde, Atlantik ummanynyň kenaryndan 160 kilometr gündogarda, Wele derýasynyň boýunda ýerleşýär. Gür tropik tokaýlyklar bilen gurşalan Sýudad-de-la-Pas Gabonyň serhedinden 25 kilometr we Kamerunyň serhedinden 60 kilometr uzaklykda ýerleşýär.

Ministrlikleriň we döwlet edaralarynyň köpüsi eýýäm Malabodan täze paýtagta göçürildi. Şäher 200 müň ýaşaýjy üçin niýetlenendir. Şol bir wagtda, Atlantik ummanyndaky Bioko adasynda ýerleşýän Malabo käbir döwlet gulluklaryny saklap galar. Şeýlelikde, taryhy paýtagtda Daşary işler ministrligi hem-de Uglerod we



dag-magdan senagatyny ösdürmek ministrligi galar.

Daşary ýurtlaryň ilçihanalary, iri kompaniýalaryň we banklaryň merkezi edaralary hem entek Sýudad-de-la-Pas şäherine göçmegi meýilleşdirmeýärler. 350 müň adamyň ýaşaýan şäheri bolan Malabo ýurduň esasy täjirçilik we maliýe merkezi derejesini özünde saklar.

Ekwatorial Gwineýanyň esasy bölegi gury ýerde ýerleşýär. Ýurduň ilatynyň sany, takmynan, 2 million adam bolup, olaryň 80 göterimi Respublikanyň gury ýer böleginde ýaşaýar.

# Syýahatçy sany 1 milliona ýeter

Türkiýäniň günorta-gündogaryndaky Şanlyurfa welaýatynda ýerleşýän Göbeklitepe ybadathana toplumyna 2025-nji ýylda 781 müň syýahatçy baryp gördi.

Şanlyurfa welaýatynyň Medeniýet we syýahatçylyk müdirliginiň maglumatlaryna görä, 2023-nji ýylda merkezi Kahramanmaraşda bolan weýrançylykly ýertitremesiniň netijeleri sebäpli dörän iki ýyllyk pese düşüşden soňra, Göbeklitepä barýan syýahatçylaryň sany ýene-de artdy.

Welaýat häkimiýeti eýýäm şu ýylyň ahyryna çenli 12 müň ýyllyk taryhy bolan megalit toplumyna barýan syýahatçylaryň sanynyň 1 million adama ýetjekdigine umyt edýärler. Şu ýyl Şanlyurfada geçiriljek «TEHNOFEST-2026» aerokosmos we tehnologiýa festiwaly hem ybadathana toplumyna barýanlaryň sanynyň artmagyna itergi berer diýlip garaşylýar.



Arheologlar 1963-nji ýylda Göbeklitepe ýadygärlik toplumynyň üstünden bardylar. Bu toplum 2018-nji ýylyň iýulynda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşuldy. 1995-nji ýylda Göbeklitepede gazuw-agtaryş işleri başlanandan soň, arheologlar neolit döwrüne degişli bolan, boýy 3-den 6 metre çenli, agramy bolsa 40-dan 60 tonna çenli ýetýän, üstünde haýwanlaryň şekilleri bolan T görnüşli sütünleri ýüze çykardylar. 2019-njy ýylyň mart aýynda toplumyň resmi açylyş dabarasy geçirilip, Türkiýede 2019-njy ýyl «Göbeklitepe ýyly» diýlip yglan edildi.

# Pompeiden täze freskalar tapyldy

Gadymy Oplontisde ýerleşýän Pompeiniň çäklerinde işleýän arheologlar topary täze freskalaryň tapylandygyny habar berdiler. Bu tapyndylar miladydan öňki I asyrda Rim elitasynyň ýaşaýyş derejesiniň näderejede kaşaň bolandygyny we olaryň çeperçilik ukyplaryny aýdyň görkezýär. Pompei miladynyň 79-njy ýylynda Wezuwiý wulkanynyň atylmagy netijesinde birnäçe metr galyňlykdaky külüň aşagynda galýar. Toplumyň uly bölegi şu wagta çenli doly öwrenilmän gelýärdi.

Arheologlar diwara çekilen şekilleriň arasyndan teatr nikabynyň şekilini tapdylar. Onuň ýany bilen beýleki simwolik şekiller hem tapyldy. Gazuw-agtaryş işleri willanyň binagärlik gurluşyny hem anyklamaga mümkinçilik berdi. Alymlar ozal belli bolmadyk ýene dört sany otagy ýüze çykardylar. Netijede, resmileşdirilen ýerleriň umumy sany ýüzden geçdi. Täze tapyndylaryň arasynda apsidal zal (ýarym tegelek görnüşli zal) bolup, ol deslapky maglumatlara görä, hammam toplumy bilen baglanyşykly bolupdyr. Bu bolsa rezidensiýanyň örän oňaýly we oýlanyşykly meýilleşdirilendigini görkezýär.



# AÝSBERG TÄZEDEN ÝÜZÜŞE ÇYKDY

**4170 inedördül kilometr meýdany bolan «A23a» aýsbergi 1986-njy ýylda Filhner buzlugyndan bölünip aýrylypdy. Äpet buz bölegi soňky onýyllyklarda kem-kemden kiçelip, 2025-nji ýylyň dekabr aýyna çenli 67 göterimini ýitiripdi. Häzirki wagtda «A23a» Günorta Atlantikadan Günorta Amerikanyň günorta-gündogaryna tarap süýşüp barýar.**

**30 ýyldan gowrak wagtdan bäri bir ýerde duran (saýda galan) aýsberg 2023-nji ýylyň noýabr aýynda täzeden ýüzüşe çykdy. Ýüzýän buzluk 2024-nji ýylyň baharynda Antarktika ýarym adasynyň kenary bilen süýşüp, Skoşa deňzine tarap ugrady.**

**Aýsbergler günorta we demirgazyk polýusyň hem-de oňa golaý adalaryň kenarlarynda galňan buz böleginiň gopmagy bilen emele gelýär. Bu yzygiderli gaýtalanýan tebigy hadysadyr.**

**15 metrden uly buz bölegine aýsberg diýilýär. Buz bölekleri süýji suwdan emele gelip, deňiz ekoulgamy üçin uly ähmiýete eýedir. Adatça, buz böleginiň 10-dan 9-y suwuň astynda durýar. Buz böleklerini öwrenmek deňiz tebigatyny we klimaty gorap saklamak üçin uly ähmiýete eýedir. Şol sebäpli ýörite institutlar we ylmy-barlag merkezleri aýsbergleri öwrenýärler.**





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# 2026-njy ÝYLDA SYÝAHAT EDILMELI ÝERLER

**Soňky ýyllarda syýahatçylyk pudagy iň girdejili ugurlaryň birine öwrülýär. Syýahatçylar meýilleşdirýän ýeriniň tebigy şertlerini göz öňünde tutup, ýylyň haýsydyr bir möwsüminde şol ýere gezelenje gidýärler. Mysal üçin, deňiz kenarynda dynç almagy halaýanlar ýaz we tomus paslynda, şäherlere gezelenç etmek isleýänler güýz paslynda, polýar gijelerini hem-de ak aýylary ýakyndan synlamak isleýänler bolsa, gyş paslynda syýahata çykýarlar. Umuman, ýylyň islendik möwsümi hem syýahat etmek üçin oňaýly hasaplanýar. Ýakynda «American Express Travel» syýahatçylyk agentligi 2026-njy ýylda syýahat edilmeli we hökman baryp görmeli ýerleriň sanawyny köpçülige hödürledi. Sanawda owadan şäherler, dag gerişleridir deňiz kenarlary bilen bir hatarda, tebigy seýilgähler hem bar.**



**Gimalaý dag gerişleri, Hindistan.** Beýik gaýalaryň, buzluklaryň we ýaşyl jülgeleriň mesgeni bolan Gimalaý daglarynyň Hindistanyň çäginde ýerleşýän böleginde tebigy gözellikleriň birnäçesi bar. Dünýäniň iň beýik ýol geçelgeleriniň we demir ýollarynyň geçýän ýeri bolan Gimalaý daglarynyň eteginde hindi däp-dessurlary bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik berýän obalardyr ybadathanalar ýerleşýär. Ladakh ştaty dag tebigatynda dynç almak üçin iň gowy ýerleriň biri hasaplanylýar. Ýurduň meşhur ýerleriniň arasynda «Khangchendzonga» milli seýilgähi ýaşyl te-



bigatdaky asma ýollary, dag gerişlerindäki gar barslary, bengal gaplaňlary we dag goýunlary (bharal) bilen görenleri haýran galdyrýar. Syýahatçylar iki pasylly, ýagny aşakda güller açylyp, çeşmeler akyp duran, ýokarsy gar we buz meýdançalary bilen gurşalan bu seýilgähde özlerini ertekilerdäki ýaly duýýarlar. Gimalaý dag gerişlerine gitmek üçin mart we maý aýlary aralygy iň amatly möwsüm hasaplanýar.

**Killarni şäheri, Irlandiýa.** Atlantik ummanynda ýerleşýän ada ýurdy owadan tebigaty we taryhy şäherleri bilen tanalýar. Meşhur gezelenç ýoly bolan Kerri halkasynyň ugrunda ýerleşýän Killarni şäheri 2026-njy ýylda baryp görmeli iň owadan ýerleriň biri hasaplanýar. Bu şäher tebigy gözelliklere, daşly



depelere, göm-gök suwly köllere we gadymy galalara baý bolup, her ýyl 1 milliondan gowrak syýahatçyny özüne çekýär. Killarni şäherine tomus aýlarynda gitmek maslahat berilýär. Bu ýerde gaýalaryň eteginde gezip ýören gyzyl keýikleri synlamak bilen bir hatarda, Kerri milli seýilgähine gezelenç edip bolýar. Seýilgähde Şa zenany Wiktoriýanyň we maşgala agzalarynyň ýaşan Makross öýüni hem görmek bolýar.

**Las-Wegas şäheri, ABŞ.** Newada ştatynda ýerleşýän Las-Wegas şäheri meşhur myhmanhanalary, restoranlary we tomaşalary bilen köp ýyldan bäri iň meşhur ýerleriň biri bolup gelýär. Ikonik gözellikleri, immersiw tomaşalary we gezelençleri bilen syýahatçylarda ýatdan çykmajak täsir galdyrýan bu şäherde aşpezçilik sungaty hem ösendir. Şäherde köp sanly lýuks söwda dükanlary we dizaýner butikleri bar. Şäherde köpçülikleýin gatnaw serişdeleri ösen



bolup, halkalaýyn tramwaý ýollary hem bar. Las-Wegasda dünýäniň meşhur nyşanlarynyň biri bolan Eýfel diňiniň öýkünme nusgasy hem ýerleşýär. Las-Wegasa gitmek üçin ýaz we güýz aýlary iň oňat möwsüm hasaplanýar.

**Marbelýa şäheri, Ispaniýa.** Ortaýer deňziniň çägeli kenarlaryndan Sýerra-Blanka daglaryna çenli aralygy öz içine alýan Marbelýa şäheri owadan tebigaty bilen görenleri haýran galdyrýar. Taryhy ýadygärlikleriň we dürli



medeniýetleriň mekany bolan bu şäherde kaşaň restoran hyzmatlary hödürlenýär. Gijeki durmuşyň gaýnap-joşýan şäherinde bahalar gymmat bolup, «Puerto Banus Marina» söwda toplumynda lýuks ýahtalar, kaşaň sport awtoulaglary we aňrybaş markalar agdyklyk edýär. Ak reňkli binalar we hoşboý ysly pyrtykal agaçlary Marbelýa şäheriniň nyşany hasaplanýar. Şäheriň daş düşelen köçeleri gijesine has owadan görünýär.

**Marrakeş şäheri, Marokko.** Taryhy binalary, köşkleri we metjitleri bilen meşhur bolan Marrakeş Marokkonyň medeni paýtagty hökmünde tanalýar.



Beýik diwarlary we labirint ýaly köçeleri bilen görenleri haýran galdyrýan bu şäherde dokma, küýzegärçilik önümlerini we şaý-sepleri hödürleýän ýerli bazarlaryň birnäçesi bar. Syýahatçylar üçin bu şäher döredijilik bilen meşgullanmak we asuda dynç almak üçin iň gowy ýerleriň biridir. Şäheriň meşhur ýadygärlikleriniň biri XII asyrda gurlan Kutubiýa metjidi we onuň Mawr minarasydyr. Şäheriň merkezindäki Jemaa el-Fnaa meýdançasy hemişe köp adamly bolup, bu ýerde gije-gündiz söwda edilýär.

**Okinawa adalary, Ýaponiýa.** Günüň dogýan ýurdunyň günortasynda ýerleşýän Okinawa arhipelagy 160 adadan ybarat. Tebigy gözellikleri, täsin jandarlary, maýyl howasy we baý medeni mirasy bilen syýahatçylary özüne çekýän bu adalar toplumy ýaşyl tebigatda dynç almak üçin iň gowy ýerleriň biridir. Okinawa adalaryna barýan syýahatçylar göm-gök deňizde gaýykly gezelenç etmek bilen bir hatarda, Kabira aýlagynyň tebigy gö-



zelliklerinden lezzet alýarlar. Owadan aýlaglar, merjen rifleri we içi göm-gök suwly gowak adanyň nyşany hasaplanýar. Okinawa adalary oktýabr, noýabr aýlarynda has köp adamly bolýar.

**Papagaýo ýarym adasy, Kosta-Rika.** Ýuwaş ummanynyň kenarynda ýerleşýän Papagaýo ýarym adasy 1400 gektarlyk tebigy goraghananyň içinde ýerleşýän kaşaň jaýlary we dynç alyş meýdançalary bilen syýahatçylary özüne çekýär. Guşlaryň we agaçda ýaşaýan jandarlaryň mekany bolan bu ýerde ajaýyp



tebigatda dynç almak bilen bir hatarda, gaýykly suwasty dünýäni ýakyndan synlap bolýar. Jadyly tokaýa meňzeýän Papagaýo ýarym adasy Kosta-Rikanyň Liberiýa şäheriniň golaýynda ýerleşýär. Ýylyň islendik möwsüminde bu adada dynç alyp bolýar.

**San-Huan daglary, ABŞ.** Kolorado ştatynyň günorta-günbatarynda ýerleşýän San-Huan daglary hem 2026-njy ýylda syýahat edilmeli ýerleriň biri hasaplanýar. Suratkeşle-



riň we lyžaçylaryň iň köp barýan ýerleriniň biri bolan San-Huan daglarynyň eteginde adybir derýa we «Mesa Verde» milli seýilgähi bar. Üsti garly gaýalaryň, beýik dag kölleriniň we çemenlikleriň mesgeni bolan bu ýerde asma ýollar hem bar. Syýahatçylar dag tebigatynyň gözelliklerini synlamak bilen bir hatarda, San-Huan daglarynyň 4 müň metrden gowrak belentliklerinde itli tirkeglerde gezelenç edip bilýärler. Fewral we mart aýlary San-Huan daglarynda lyžada typmak üçin iň gowy möwsüm hasaplanýar.

**Panama siti, Panama.** Panama kanalynyň boýunda Latyn Amerikasyndaky täsin şäherleriň biri ýerleşýär. Bu şähere Panama siti diýilýär. Şäherdäki esasy aýratynlyk we gözellik Panama kanalynyň özi bolup, başga ýerde gabat gelmeýän inženerçilik desgasyny ýakyndan synlap bolýar. Ýuwaş we Atlantik ummanlarynyň aralygynda gurlan Panama kanaly basgançak görnüşli birnäçe bentden ybarat bolup, gämileriň bir ummandan beý-



leki ummana geçmegine ýardam edýär. Her ýyl kanaldan 12 müň gämi geçýär. Amerikanyň çatrygynda ýerleşýän Panama siti köp medeniýetli ilaty, sungaty, meşhur iýmitleri we festiwallary bilen tapawutlanýar. Şäherde maýmynlaryň, koalalaryň we beýleki jandarlaryň ýaşaýan tropik tokaýy bolan Metropoliten seýilgähi hem bar.

**Sent-Julians şäheri, Malta.** Kiçijik ada döwletiniň deňiz kenaryndaky Sent-Julians balykçylyk şäheri gadymy taryhy desgalary we häzirki zaman binalary bilen täsin gözelligi emele getirýär. Şäheriň dynç alyş kenarlary Ortaýer deňziniň gözelliklerini ýakyndan synlamaga mümkinçilik berýär. Sent-Julians şäherinde Spinola aýlagynda gezelenç edip, welosiped sürmek, balyk tutmak bilen



meşgullanyp bolýar. Syýahatçylar janly aýdym-saz çykyşlaryny diňläp, açyk asmanyň astyndaky restoranlarda deňiz kenarlaryny synlap, naharlanyp bilýärler. Gijeki durmuşyň gaýnap-joşýan şäheri güýz paslynda has köp adamly bolýar.

# Dar geýinmek saglyga täsir edýärmi?

**Köpler giňräk egin-eşigi geýmegi halaýan bolsa, käbir adam, esasan hem, ýaşlar we sport bilen meşgullanýanlar dar egin-eşikleri saýlaýarlar. Hünärmenler uzak wagtlap dar eginbaşlary geýmegiň iýmit siňdirişden başlap, gan aýlanyşygyna çenli saglyk bilen bagly dürli ýagdaýlara sebäp bolup bilýändigini belleýärler.**



Adatça, adamlar öz saýlap alan kärine we meşgullanýan işine görä egin-eşik saýlaýarlar. Mysal üçin, moda görkezişlerinde işleýänler we sportuň ýeňil atletika görnüşi bilen meşgullanýanlar dar geýinýärler. Munuň sebäbi bolsa, olaryň erkin hereket etmegi bilen düşündirilýär.

Bedeniň görnüşine garamazdan, özüňe laýyk eşik geýmegiň hiç hili ýalňyşlygy ýok. Emma özüňe kiçi we gysýan egin-eşikleri geýmek saglyga öz täsirini ýetirýär.

**Dar egin-eşik geýlende ýüze çykýan alamatlar:**

- Deride gyzyl ýzlaryň peýda bolmagy
- Deriniň gyjynmagy
- Dem almakda kynçylyk çekmek
- Hereket etmekde kösenmek

**ZYÝANLY TARAPLARY:**

**Iýmit siňdirişiň haýallamagy.** Dar egin-eşik aşgazana we içegelere goşmaça basyş edip, ýürek bulanma hem-de işdäň kesilmegi ýaly ýagdaýlara getirip bilýär. Dar eşigiň yzygiderli geýilmegi wagtyň geçmegi bilen içegelerde iýmit siňdirişi haýalladyp, çişmä sebäp bolup bilýär.

**Kömelek ýokançlygy.** Dar balak, aýakgap we korset geýmek kömelek ýokançlygynyň döremek howpuny ýokarlandyrýar. Dar egin-eşikler köplenç howa geçirmeýän matalardan taýýarlanýar. Adamdan tebigy ýagdaýda bölünip çykýan der dar egin-eşikden daşary çykyp bilmän, derä ýelmeşip galýar. Çygly deride bolsa, dürli ýokançlyklar döräp bilýär.

**Nerw damarlarynyň gysylmagy.** Geçirilen barlaglarda dar eşik geýlip ýa-da gysýan guşaklyk dakylyp uzak wagtlap gezilende parestetika (deri nerwisi) zyýan ýetýändigi ýüze çykaryldy. Iki gapdalda ýerleşýän bu deri nerwisine zeper ýetende ukusyzlyk, deriniň garramagy ýaly alamatlar we bilde agyrylar peýda bolýar.

**Agyrylaryň döremegi.** Dar geýinmek döşde mäziň döremek howpuny ýokarlandyryp bilýär. Şeýle hem boýunda, aýakda we bogunlarda gan aýlanyşygy bozulyp, ýiti agyrylaryň döremegine sebäp bolup bilýär. Hünärmenler dynç alynýan we ýatylýan wagty dar egin-eşikleri geýmegiň saglyk üçin örän zyýanlydygyny belläp, öýde giňräk geýinmelidigine ünsi çekýärler. Şeýle hem özüňe laýyk gelýän egin-eşikleri saýlamagyň adamy gelşikli görkezmek bilen bir hatarda, saglyk üçin zyýanly däldigi bellenilýär.

# SMS habarlaşma usuly




**Öýjükli telefonlaryň peýda bolany bäri, birek-birek bilen habarlaşmak örän aňsatlaşdy. Telefonda jaň edip hal-habar soraşmakdan başga-da, SMS ýazmak, ses ýazgyňy ugratmak we uzakdan birek-biregiň ýüzüni görüp gepleşmek ýaly aýratynlyklar hem bar. Soňky ýyllarda SMS ýazmak iň ýörgünli habarlaşma usulyna öwrülip, her kim öz sowadyna we başarnygyna görä gatnaşýanlary bilen hat ýazyşýar. SMS adamyň özüni we içki duýgularyny hakyky beýan etmegine mümkinçilik berýär. SMS-i nähili ýazmalydygy ýa-da nähili bolmalydygy barada belli bir düzgünler ýok. Şol sebäpli SMS şol adam barada köp zady anyklamaga ýardam edýär.**

**Uzyn SMS.** Duýgusyny we pikirlerini beýan etmäge çalyşýan adamlar uzyn SMS ýazýarlar. Olar sözi manyly we täsirli gural hökmünde görýärler. Uzyn habarlary ýazýanlar mähirli we yhlasly adamlar bolup, kyn günüňde ýanyňda boljak iň ýakyn dostlar hasaplanýar.

**Gysga SMS.** Eger siz SMS-lere «bolýar», «ýok» we «hawa» diýip jogap berýän bolsaňyz, onda siz hakykatçyl adamlarsyňyz. Gysga jümleleri ýazmagy halaýan adamlar özboluşly häsiýete eýe bolup, köpsözlülikden gaça durýarlar. Islendik zada gysga we anyk jogap berýärler.

**Emojiler.** Köp adam söz ýazmaga dälde, emoji (duýgulary aňladýan şekiller) bilen SMS alyşmaga höwesli bolýar. Emojiler içki duýgyny has aýdyň beýan ediji bolup, sözleme görä täsirli bolýar. Emoji iberýän adamlar jogap ýazmak üçin uzak pikirlenip oturmaýarlar. Olar şol wagtky ýagdaýy (begençli, gaharly, stresli, tolgundyryjy) barada derrew emoji ugradýarlar. Bu adamlar syýahat etmegi gowy görýän romantik (duýguçyl) adamlar hasaplanýar.

**Seresaply ýazýan bolsaňyz.** Käbir adam ugratmak isleýän SMS-ini gaýta-gaýta okaýar, birnäçe gezek düzediş girizýär. Ýazan habarynyň nähili kabul ediljekdigi barada uzak pikirlenýär. Şeýle adamlar gapma-garşylygy halamaýan, gödek görünmek islemeýän sypaýy adamlardyr. Olar bir sözüň üstünde hem birnäçe sagatlap pikirlenip oturyp bilýärler. Seresaply SMS ýazýan adamlar ýakynlaryny razy etmek we hemmeleriň bagtly bolmagyny isleýärler. Şol sebäpli olarda oýun etmek, emoji ugratmak ýaly häsiýet gabat gelmeýär.

**Giç jogap berýän bolsaňyz.** Köp adam telefonyna gelen SMS-e birnäçe sagatdan ýa-da bir günden soň jogap berýär. Olar ünsi gowşak adamlar bolup, SMS ýazmagy aýratyn iş hasaplaýarlar. Şeýle hem iş arasynda SMS-e jogap bermegiň kyndygyny belleýärler. SMS-e giç jogap berýänler daştöweregi ünsden düşürýärler. Olar giň we haýal hereketli adamlar hasaplanýar.

**Gaýta-gaýta SMS ýazýan bolsaňyz.** Gaýta-gaýta SMS ýazmagy halaýan bolsaňyz, bu ýagdaý siziň batyrdygyňyzy we bir zada ymtylýandygyňyzy görkezýär. Şeýle adamlar öňünde goýan maksadyna ýetmek üçin gujur-gaýratyny gaýgyrmaýarlar.



Tebigy täsinlik

# AL-NASLAA GAÝASY

**Dünýäde tebigy ýagdaýda emele gelen we görenleri haýran galdyrýan täsinlikleriň birnäçesi bar. Bu täsinlikleri göreniňde öz-özüňe «Nädip emele geldikä?» diýen sowaly bereniňi duýman galýarsyň. Gazetimiziň her sanynda sizi dünýäniň dürli künjeginde ýerleşýän tebigy täsinlikler bilen tanyşdyrmagy makul bildik.**

**Saud Arabystanynyň Taýma oazisiniň 50 kilometr günortasynda täsin bir ýagdaýa duş gelmek bolýar. Bu ýerde pyçak bilen deň ikä bölünen ýaly iki bölek uly daş müňlerçe ýyl bäri ýykylmazdan, deňagramly ýagdaýda saklanyp dur. Bu daşa Al-Naslaa gaýasy diýilýär.**

**Gumak ýerde äpet daşyň tebigy ýagdaýda peýda bolmagy geň galdyryjydyr. Çöl peýzažynda täsin gözelligi emele getirýän Al-Naslaa gaýasy müňlerçe ýyl mundan ozal bolup geçen geologik hadysalaryň netijesinde ýüze çykypdyr. Alymlar bu gaýanyň ýel eroziýasy we çygly howa şerti esasynda emele gelendigini çaklaýarlar. Beýikligi 6 metre, göwrümi 9 metre ýetýän äpet daşyň günorta-gündogar ýüzünde köp sanly petroglifler (oýulyp çekilen gaýa suratlary) bar. Petrogliflerde arap atlarynyň, dag geçileriniň we adam şekilleriniň müňlerçe ýyllyk şekili görkezilýär.**



**Alymlar oýulyp çekilen gaýa suratlaryndan çen tutup, bu ýerde müňlerçe ýyl ozal ýaşaýşyň bolandygyny we siwilizasiýanyň ösendigini belleýärler. Taryhy maglumatlarda bu ýerde göçüp-gonup ýören taýpalaryň ýaşandygy we awçylyk bilen meşgullanandygy bellenilýär.**

**Al-Naslaa gaýasy diňe bir tebigy täsinlik bolman, eýsem, araplaryň medeni we arheologik nyşanydyr. Bu äpet daş sebitiň gadymy durmuşyny, ynançlaryny we tebigy gurşawyny beýan edýän taryhy ýadygärlikleriň biridir. Her ýyl müňlerçe syýahatçy we arheolog bu syrly hem-de täsin daşy görmek üçin Saud Arabystanyna barýarlar.**

# Witamine baý gyş miwesi

Gyş paslynda iň köp iýilýän miweleriň biri hem kiwi bolup, saglyk üçin peýdaly witaminleri özünde jemleýär. Ata Watany Hytaý hasaplanýan bu miwäniň düzüminde C we K witamini hem-de köp mukdarda süýüm saklanýar. Açyk ýaşyl reňkli bu miwäniň 50-den gowrak görnüşi bolup, esasan, iýmit siňdiriş ulgamyna peýdalydygy bilen tapawutlanýar. Kiwiniň düzümindäki K witamini bedeniň madda alyş-çalşygyny we kalsiniň derejesini kadalaşdyrýar. Bedeniň mis ýetmezçiliginiň öňüni almakda hem peýdaly bolan kiwi immuniteti güýçlendirip, dümewe we sowuklama garşy göreşmäge ýardam edýär.



Gyş paslynda, esasan, C witamini ýetmezçilik edýär. Her gün 2-3 sany kiwi iýmek bilen beden üçin zerur bolan C witamini alyp bolýar. Bu miwäni terligine iýmek bilen bir hatarda, dürli işdäaçarlara hem goşup bolýar. Etden taýýarlanýan tagamlara kiwi goşulanda, çalt hem ýumşak bişýär. Turşumtyk miwäniň düzüminde şekeriň hem bardygy, şeýle hem aşgazan agyrysyna sebäp bolýandygy sebäpli köp iýmek maslahat berilmeýär. Bilermenleriň bellemegine görä, kiwi göz üçin peýdaly iň gowy miweleriň biridir.

**GYZYKLY MAGLUMATLAR**

- Kiwä hytaýça «Yang Tao» diýilýär. Bu miwe Täze Zelandiýada ýaşaýan ganatsyz guşa meňzeýändigi sebäpli, 1950-nji ýyllarda marketingde «kiwi» diýlip atlandyrylyp başlanýar.
- Kiwiniň içi ýaşylymtyl görnüşinden başga-da, iýilýän bölegi altynsow we gyzyl reňkli süýji görnüşleri hem bar.
- Kiwide pyrtykala görä, has köp mukdarda C witamini saklanýar.
- Kiwiniň düzümindäki kaliý we süýüm banandaky bilen deňdir.
- Käbir ýurtda kiwini gabygy bilen iýýärler. Kiwiniň garaja çigidinde Omega-3 ýag kislotasy saklanýar.
- Kiwi ýolnandan soň hem bişmegini dowam edýär.



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.




# AŽDAR MIWESI

**Soňky ýyllarda başga sebitde ýetişýän täsin miweleri iýmek ýoň boldy. Her ýyl dekabr aýynyň (gyş pasly) gelmegi bilen öň görlüp-eşidilmedik miweler bazarlardyr söwda merkezleriniň bezegine öwrülýär. Muňa mango, ananas, kokos, kiwi, santol, papaýa, aždar miwesi, ýyldyz miwesi, liçi, mangostan, muşmula, rambutan ýaly miweleri mysal getirmek bolar. Täsin miweleriň aglaba bölegi Uzak Gündogar we Okeaniýa döwletlerinde ösdürilip ýetişdirilýär. Mähriban çagalar, gazetimiziň her sanynda sizi täsin miweler bilen tanyşdyrmagy makul bildik. Geliň, onda aždar miwesi baradaky gyzykly maglumatlary öwreneliň!**

Halk arasynda aždar miwesi diýlip tanalýan bu miwä ylmy dilde «Hylocereus undatus» diýilýär. Pitahaýýa hem diýilýän gulpakly miwäniň ata Watany Meksika (Merkezi Amerika) hasaplanýar. Häzirki wagtda Günorta-Gündogar Aziýada köp ösdürilip ýetişdirilýän aždar miwesi ýokumlylygy we witaminlere baýdygy bilen tapawutlanýar. Bu miwäniň agajy edil kaktusa meňzeýär.

Aždar miwesiniň gabygy gülgün ýa-da sary, iýilýän bölegi bolsa ak ýa-da şugundyr reňkinde bolýar. Süýjümtik tagamy (aralyk) bolan bu miwe ýylyň islendik paslynda ýetişýär. Dünýäde iň esasy eksport ediji ýurt bolan Tailandda aždar



miwesiniň eti ak, gabygy gülgün reňkli görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Tailandda bu miwe dekabrdan aprel aýyna çenli aralykda ýetişýär.

Kaktus agajynda ýetişýän ekzotik miwe witamine baý bolup, immuniteti güýçlendirýär, iýmit siňdirişi ýeňilleşdirýär. Içinde gara dänesi bolan aždar miwesini ilki ýuwmaly, soňra uzynlygyna ikä bölmeli. Içindäki etli bölegini çemçe bilen çykaryp, dilimlere bölmeli ýa-da dörtburç edip dogramaly. Sogana meňzeş ösüntgisi bolan bu miwäniň gabygy iýilmeýär. Kiwiniň, armydyň we garpyzyň bilelikdäki tagamyny ýatladýan aždar miwesi terligine iýilmek bilen bir hatarda, işdäaçara, ýogurda we süýjüliklere goşulýar. Şeýle hem bu miweden kokteýl taýýarlanylýar. Aždar miwesi gara däneleri bilen bilelikde iýilýär. Täze ýolnan bu miwe sowadyjyda ýa-da plastik haltada 2-3 hepde terligine saklanýar. Aždar miwesiniň güllerini çaý



hökmünde demläp içip bolýar. Ýabany tebigatda pitahaýýa agajy 15 metre çenli beýiklige çyrmaşyp ösýär. Adatça, pitahaýýa – inçe baldakly kaktus agajy ekerançylyk meýdanlarynda we ýyladyşhanalarda ösdürilip ýetişdirilýär. Her ýyl dünýäde 1 million tonnadan gowrak aždar miwesi öndürilýär. Bu ugurda Wýetnam, Hytaý we Tailand öňdeligi eýeleýär.

# GYŞ PASLYNYŇ «SYÝAHATÇYLARY»

**Ýabany tebigatda ugurtapyjylygy we kämil hereketleri bilen ünsi özüne çekýän jandarlaryň birnäçesi ýaşaýar. Bulara maýmynlaryň, guşlaryň, deňiz süýdemdirijileriniň, oňurgasyzlaryň we hatda balyklaryň hem käbir görnüşi degişli bolup, garga «iň akylly guş» ady bilen tanalýar. Geliň, guşlar maşgalasynyň iň akyllysy baradaky gyzykly maglumatlar bilen tanyş bolalyň!**

Gargalar akyllylygy, çalt uýgunlaşmagy we şar gara reňki bilen tapawutlanýar. Dünýäniň ähli ýerinde duş gelýän gara guşlar aslynda «meşhur syýahatçylar» hasaplanýar. Sowuk howany halaýan bu guşlar her ýyl azyndan 500 kilometr ýol geçýärler. Gargalar howanyň gyzmagy bilen bölek-bölek topar gurap, sowuk ýurtlara gidýärler. Käbir toparlar bolsa öz mekanynda hemişelik ýaşaýar. Beýleki guşlaryň gyş paslyny geçirmek üçin ýyly ýurtlara uçup gidýändigine garamazdan, gargalar munuň tersine. Gyzykly tarapy hem gargalar jüýjelemek üçin sowuk ýerlere gidýärler. Gargalaryň syýahaty howanyň sowuklygyna bagly bolup, uzak dowam etmeýär.

**NÄÇE GÖRNÜŞI BAR?**

Ýer ýüzünde gargalaryň amerikan gargasy, flores gargasy, käşirçi garga, balykçy garga, alagarga ýaly 40 töweregi görnüşi ýaşaýar. Gargalar maşgalasyna degişli ähli görnüş göçüp-gonup bilmeýär. Esasan hem, Afrikada we



Aziýada duş gelýän gargalar ýaşaýan ýerini taşlap gitmeýärler. Amerikan gargasy we ýewropa alagargasy ähli ýurdy aýlanýan esasy «syýahatçylar» ha-



saplanýar. Gargalar gyşlamak üçin ýer saýlamaýarlar. Süri-süri bolup uçup baryşlaryna haýsy ýer sowuk, nirede gar bolsa, şol ýerde hem düşleýärler. Howa maýlap başlansoň, sowuk ülkelere tarap ýoluny dowam edýärler. Amerikadan ýa-da Ýewropadan gaýdan gargalar sowuk ýurtlara bir ýyllap «syýahat edip», ýene-de yzyna dolanýarlar. Bu guşlar gyşlaýan ýerini, göçüp-gonan sebitlerini hemişelik ýatda saklaýarlar. Gargalaryň azaşmak howpy ýokdugy sebäpli, ýekelikde hem uçup gidiberýärler.

**GARGALAR ÜŞEMEÝÄRMI?**

Gargalar sowukdan goranmak üçin dürli usullary ulanýarlar. Esasan hem, aňzakly gijelerde bu guşlar agaçlaryň şahalarynda hatar bolup dykylyşyp ýatýarlar. Bu ýagdaý gargalaryň ýylylygy saklamagyna kömek edýär. Gargalaryň agramynyň 10 göterimden gowragyny ýag gatlagy emele getirýär. Ýag gatlagy aşa sowugy saklap, gyzgynlygy üpjün edýär.

**SOWUKDA NÄME IÝÝÄRLER?**

Gargalar ýaşaýan we syýahata barýan ýerine baglylykda, islendik zat bilen iýmitlenip bilýärler. Ösen ýatkeşligi bolan gargalar gyşky ekinlere (käşir, kelem, turp) zyýanly bolup biler. Ýöne bu guşlar, esasan, mör-möjekleri iýip, ekine zyýan berijileriň köpelmeginiň öňüni alýarlar. Käbir sowuk ýurtlarda zibilleri arassalamakda hem gargalaryň uly orny bar.

Gargalar adamyň ýüzüni ýatda saklamakdan başlap, çylşyrymly ýagdaýdan baş alyp çykmagy başarýarlar. Geçirilen barlaglaryň netijesinde gargalaryň 7 ýaşly çaga ýaly pikirlenip bilýändigi ýüze çykaryldy. Iýmit dandamaýan bu guşlar hozdur şänigi döwmek üçin çüňki bilen dişläp ýokarlygyna uçýarlar we gaty ýere ýa-da asfaltyň üstüne oklaýarlar. Ilatly ýerde ýaşaýan gargalar bolsa, hoz çakmak üçin awtoulaglaryň hyzmatyndan peýdalanýarlar. Gara guşlar ýolyşygy gyzyl ýananda hozy alyp, ýoluň çatrygyna oklap gaýdýarlar. Töwerekdäki agaja gonup, ulaglaryň geçip gutararyna garaşýarlar. Soň bolsa gyzyl ýananda ýene-de baryp, döwlen maňyzlary iýýärler.

Gargalar maşgala bolup ýaşaýarlar. Agaçlaryň barmasy kyn şahaly ýerinde höwürtge gurup, 4-5 ýumurtga goýýarlar. Ekleýji gargalar jüýjelerini 60 güne çenli iýmitlendirýärler. Gargalar tebigy gurşawa baglylykda 20 ýyla çenli ýaşaýarlar. Tebigaty öwrenijileriň bellemegine görä, gargalar ýitip gitmek howpy abanýan jandarlaryň hataryna girmeýär. Gargalara dünýäniň ähli ýerinde duş gelmek bolýar. Muňa garamazdan Gawaý gargasynyň ýitip gidendigi, flores gargasynyň sanynyň azalýandygy bellenilýär. Tebigatda seýrek ýagdaýda ap-ak garga hem duş gelinýär.

## Labirint



## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



## 7 tapawudy tapyň!



## Gyzykly pursat








## 5-nji KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **2.** Goldawsyz, hossarsyz. **3.** Aziýada bir döwlet. **5.** Saz guraly. **6.** Miwe. **7.** Agymtyl reňkde bolan, agrak. **8.** Çehiýanyň iň uly awtoulag öndürijisi. **9.** Çehiýanyň paýtagty. **10.** Lakam. **17.** Ýuwaş ummanynda ada döwleti. **20.** Türkmen gelin-gyzlarynyň ýakalaryna dakynýan ýüzi gaşly, tegelek bezeg şaýy. **22.** Ulagyň görnüşi. **23.** Bahyl, görip. **24.** Stol oýny. **27.** Äpet, uly. **28.** Iki öň aýagy gysga, art aýaklary uzyn, uzyn guýrugynyň ujy garaja ýalman. **29.** Tebigaty we daşky gurşawy öwrenýän ylmyň bir şahasy. **30.** Merkezi Amerikadaky döwlet. **32.** Gowaça boýly, dik ösýän bakja ekini. **33.** Päsgelçilik, böwet. **35.** Buddizmde dünýäni, älemi aňladýan simmetrik suratlar. **36.** Gala, berkitme (köne söz). **37.** Parahat, dynç.

● **KESELIGINE:** **1.** «Parh bilmeze ...-da bir, köje-de» (nakyl). **4.** «... söz ýylany hinden çykarar» (nakyl). **8.** Guralyň, enjamyň tutawajy. **11.** Biriniň ugrunda aladaly zähmet çekmek. **12.** Toparlaýyn sportda ulanylýan sport enjamy. **13.** Daýhançylyk, maldarçylyk bilen meşgullanylýan ilatly ýer. **14.** Dünýäde iň gadymy uniwersitetleriň biri. **15.** «Garynja gara günde, ... saz bilen söhbetde» (nakyl). **16.** Kaktusyň dekoratiw görnüşi. **18.** Sport aýakgaby. **19.** «... ýarasy biter, dil ýarasy bitmez» (nakyl). **21.** Çalymtyl-ak reňkli sozulagan ýeňil metal. **24.** Ýeterlik. **25.** Gaty ylgamaga ukyply, uçup bilmeýän uly guş. **26.** Bir zada bolan erk. **28.** Eliň iç ýüzi. **29.** Gyradeň, birsydyrgyn. **31.** Agajyň bir görnüşi. **33.** Himiki element. **34.** Suwuň akýan ugry. **38.** Süýt-gatyk önümlerinde uglewod. **39.** Günorta Amerikadaky döwlet. **40.** Diskiň bir görnüşi «...-raý». **41.** Material. **42.** Türkmen milli tagamy. **43.** «Çaý» sözüniň iňlisçesi. **44.** Guýrugy arkan jaýtarylyp duran, zäherli möjek. **45.** Orta Aziýada bir deňiz.

**4-nji krosswordyň jogaby:**



**1-nji skanwordyň jogaby:**



# Afrikada uly final: Senegal — Marokko

**Marokkoda dowam edýän 35-nji Afrika Milletler Kubogynda finala çykan toparlar belli boldy. Finalda ýer eýeleri Marokkonyň ýygyndysy bilen Senegalyň ýygyndysy duşuşar.**

Çärýek finalda Senegalyň ýygyndysy Maliniň ýygyndysyny Iliman Ndiaýeniň 27-nji minutdaky goly esasynda 1–0 hasabynda ýeňdi. Ýer eýeleri Marokkonyň ýygyndysy bolsa Brahim Diaz (26) hem-de Ismael Saibariniň (74) gollary esasynda Kamerunyň milli toparyny 2–0 hasabynda utup, ýaryşdan çykardy. Brahim Diaz çempionat başlany bäri her duşuşykda tapawutlanyp gelýär. Şol hasap bilen Nigeriýanyň ýygyndysy-da Alžiriň milli toparyny ýeňlişe sezewar etdi. Nigeriýanyň ýygyndysyna ýeňiş getiren gollary Wiktor Osimhen (47) bilen Akor Adams (57) öz atlaryna ýazdyrdylar. Çekeleşikli geçen oýundan soň çempion Kot-d'Iwuaryň ýygyndysy çärýek finaldan yzyna gaýtdy. Müsüriň ýygyndysy bilen duşuşan Kot-d'Iwuaryň milli topary 3–2 hasabynda asgyn geldi. Duşuşykda Müsüriň adyndan Omar Marmuş (4), Rami Rabia (32), Mohamed Salah (52) tapawutlansa, Kot-d'Iwuaryň gollaryny El-Fotuh (40, ö.d.) bilen Guela Due (73) geçirdi.








Ýarym finalda Senegal bilen Müsüriň ýygyndysynyň arasyndaky oýunda ýeňiş gazanan topary ýeke-täk gol kesgitledi. Şol goly hem Sadio Mane 78-nji minutda derwezä girizip, toparyny finala çykardy. Bu duşuşyk bir wagtlar «Liwerpulda» bile oýnan Mane bilen Salahyň arasyndaky duşuşyk hökmünde görlüp, netijede olaryň birinjisi beýlekisinden üstün çykmagy başardy.

Beýleki ýarym finalda bolsa Nigeriýa bilen Marokkonyň ýygyndylary duşuşyp, oýnuň esasy hem-de goşmaça wagtynda hasap açylmady. Ýeňijini oýundan soňky 11 metrlik urgular kesgitledi. Netijede, bu urgularda has erjellik görkezen ýer eýeleri Marokkonyň ýygyndysy 4–2 hasabynda öňe saýlanyp, adyny finala ýazdyrdy.

Senegalyň ýygyndysy mundan öň 3, Marokkonyň ýygyndysy bolsa 2 gezek finala çykdy. Her topary 1 çempionlygy bolup, nobatdaky finaldan soň olaryň biri öňe saýlanar. Senegalyň ýygyndysy 2021-nji ýylda Marokkonyň ýygyndysy bolsa 50 ýyl öň, ýagny 1976-njy ýylda çempionlyk gazanypdy. Senegalyň ýygyndysy 2002-nji we 2019-njy ýyllarda, Marokkonyň ýygyndysy bolsa 2004-nji ýylda finalda garşydaşlaryndan asgyn gelipdi. Iki topar finalda ilkinji gezek özara duşuşarlar.

**Final duşuşygy 18-nji ýanwarda**

● Final duşuşygy Marokkonyň paýtagty Rabatdaky Şazada Mulaý Abdellahyň adyny göterýän 69 müň 500 orunlyk stadionda oýnalar. Duşuşyk 18-nji ýanwarda, ýekşenbe güni Aşgabat wagty bilen ýarygijede, 00:00-da başlanar. Finaldan 1 gün öň, 17-nji ýanwarda bolsa Müsür bilen Nigeriýanyň ýygyndylary bürünç medal ugrundaky duşuşyga çykarlar. Bu duşuşygyň başlanýan wagty 21:00-da diýlip bellenildi.

**Çärýek finalyň netijeleri:**
**Mali—Senegal: 0–1** *(Iliman Ndiaýe 27);* **Kamerun—Marokko: 0–2** *(Brahim Diaz 26, Ismael Saibari 74);* **Alžir—Nigeriýa: 0–2** *(Wiktor Osimhen 47, Akor Adams 57);* **Müsür—Kot-d'Iwuar: 3–2** *(Marmuş 4, Rabia 32, Salah 52 — El-Fotuh 40 ö.d., Due 73)*

**Ýarym finalyň netijeleri:**
**Senegal—Müsür: 1–0** (Sadio Mane 78);
**Nigeriýa—Marokko: 0–0, 2–4 (p)**

# Ikisi hem bir günde 22-nji ÇEMPIONLYGYNY GAZANDY







Tennis boýunça täze ýylyň ilkinji ýaryşlary tamamlandy. Awstraliýanyň Brisben şäherinde geçirilen halkara ýaryşda erkekleriň arasynda russiýaly Daniil Medwedew, zenanlardan belarusly Aryna Sabalenka ýeňiji bolup, ikisi-de bir günde karýeralaryndaky 22-nji kuboklaryny gazandylar.

Erkekleriň arasyndaky «ATP 250» halkara ýaryşyň finalynda Medwedew amerikaly Brandon Nakaşimany 6:2 we 7:6 hasaplar bilen ýeňdi. Geçen ýyl diňe 1 ýaryşda ýeňiş gazanan Medwedew soňky 8-nji finalynda 2-nji kubogyny ýokary galdyrdy.

Zenanlaryň arasyndaky «WTA 500» halkara ýaryşynda belarusly Aryna Sabalenka finalda ukrainaly Marta Kostýugy 6:4 we 6:3 hasaplar esasynda ýeňlişe sezewar etdi. Sabalenka Brisbanda bassyr 2-nji çempionlygyny gazandy.

Täze Zelandiýanyň Oklend şäherinde zenanlaryň arasynda geçirilen «Açyk» çempionatda ukrainaly Elina Switolina ýeňiji bolup, ol finalda hytaýly Wan Siniýuýy 6:3 we 7:6 hasaplar bilen utdy. Bu onuň karýerasy boýunça WTA-nyň ýaryşlaryndaky 19-njy çempionlygy hökmünde hasaba alyndy.

Gonkongda geçirilen erkekleriň arasyndaky «ATP 250» ýaryşynda gazagystanly Aleksandr Bublik ýeňiş gazandy. Ol finalda italiýaly Lorenzo Musettini 2 setiň dowamynda 7:6 we 6:3 hasaplar bilen ýeňmegiň hötdesinden geldi. 28 ýaşyndaky Bublik karýerasyndaky 9-njy kubogyny ýokary göterdi.

**Üçünji synanyşykda çempionlyga ýetdi**

● Umumy baýrak gaznasy 11,8 million amerikan dollaryna deň bolan garyşyk milli ýygyndylaryň arasynda Awstraliýada geçirilýän «United Cup» tennis ýaryşynda Polşanyň ýygyndysy çempionlyk gazandy. 4-nji gezek geçirilen ýaryşyň finalynda polýaklar Şweýsariýanyň ýygyndysyny 3 duşuşygyň netijesinde 2:1 hasabynda utup, 3-nji finalynda ilkinji çempionlygyny baýram etdi. 1-nji duşuşykda şweýsariýaly Belinda Bençiç polşaly Iga Şwentekden, 2-nji duşuşykda polşaly Hubert Hurkaç şweýsariýaly Stan Wawrinkadan üstün çykdy. 3-nji duşuşyk jübütleýin görnüşde bolup, polşaly Kataryna Kawa bilen Ýana Zielinski ikisi ýeňiş gazandy.

Bu ýaryşda 2023-nji we 2025-nji ýyllarda ABŞ, 2024-nji ýylda Germaniýa çempionlyk gazanypdy. Polşanyň ýygyndysy 2024-nji we 2025-nji ýyllarda finalda ýeňlipdi.



# FA Kubogynda 4-nji tapgyryň bijeleri çekildi

Angliýanyň FA Kubogy ýaryşynyň 3-nji tapgyrynda garaşylmadyk netijeler hasaba alyndy. Dünýäniň iň gadymy futbol ýaryşy bolan FA Kubogynda «Premier Liganyň» hem-de «EFL Championship»-iň (2-nji liganyň) wekilleri 3-nji tapgyrdan başlap (1/32 final) bäsleşige goşulýar.





Geçirilen duşuşyklardan soň APL-niň 20 klubunyň 6-sy ýaryşdan çykdy. Şolaryň arasynda geçen möwsümde 120 ýyllyk taryhynda gazanan ilkinji iň uly kubogy bolan FA Kubogyň häzirki eýesi «Kristal Palas» hem bar. London şäheriniň wekili myhmançylykda 6-njy liganyň kluby «Makklesfildden» 2–1 hasabynda asgyn geldi. Dawson hem-de Bakli-Rikketsiň gollary bilen ýeňiş gazanan «Makklesfild» 3-nji tapgyra çykanlaryň arasynda iň aşaky liga wekilçilik edýän 2 klubuň biridi. Şeýlelikde, FA Kubogynyň taryhynda 1909-njy ýyldan bäri, ýagny 117 ýyldan soň, ilkinji gezek kubogyň eýesi bolan topar esasy 4 liga degişli bolmadyk klubuň wekili tarapyndan ýaryşdan çykaryldy. Şol bir wagtyň özünde «Makklesfild» topary 2009-njy ýyldan soň «Premier Liganyň» wekiliniň derwezesinden 2 gol geçiren ilkinji «National League» kluby hökmünde hasaba alyndy.

APL-niň wekilleriniň özara duşuşyklarynyň netijesinde «Braýton» myhmançylykda «Mançester Ýunaýtedi», «Aston Willa» hem Londonda ýerli «Tottenhamy» 2–1 hasaplar bilen ýeňdi. «Braýtona» ýeňiş getiren gollary Gruda bilen «Mançester Ýunaýtediň» ozalky hüjümçisi Welbek, şeýle-de «Aston Willany» 4-nji tapgyra çykaran gollary Buendia bilen Rojers derwezä girizdi.

«Nýukasl» bilen «Bornmutyň» arasyndaky oýnuň esasy we goşmaça wagty 3–3 hasabynda deňlikde gutaryp (Barns 50, 118, Gordon 90+5 p — Skott 62, Bruks 68, Tawernier 120+2), 11 metrlik urgularynyň netijesinde ýer eýeleri ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazandy.

2-nji ligada çykyş edýän «Reksam» topary öz meýdançasynda «Nottingam Forest» toparyny esasy wagty 3–3 hasabynda tamamlanan oýnuň netijesinde 11 metrlik urgulary arkaly ýeňlişe sezewar etdi.

**Soňky 40 ýylda 10 gol geçiren ilkinji iňlis kluby**

● «Mançester Siti» öz meýdançasynda 3-nji liganyň wekili «Ekseter» toparyny 10–1 hasabynda ýeňdi. «Mançester Siti» topary 1986-njy ýyldan bäri uly ýaryşlaryň çäginde bir oýunda 10 gol geçiren ilkinji iňlis topary hökmünde hasaba alyndy. Soňky gezek 1986-njy ýylda «Liwerpul» topary «Fulhamy» 10–0 hasabynda utupdy.

FA Kubogynda 4-nji tapgyryň bijeleri çekilip, «Liwerpul» bilen «Braýton», «Arsenal» bilen «Wigan», «Aston Willa» bilen «Nýukasl», «Hall Siti» bilen «Çelsi» toparlary duşuşarlar. Duşuşyklar 13–16-njy fewral aralygynda geçiriler.

**4-nji tapgyryň duşuşyklary (1/16 final):** Arsenal—Wigan, Aston Willa—Nýukasl, Birmingem Siti—Lids Ýunaýted, Börnli—Mansfild Tawn, Burton Albion—West Ham, Grimsbi Tawn—Wulwerhempton, Hall Siti—Çelsi, Liwerpul—Braýton, Makklesfild—Brentford, Mançester Siti—Salford Siti/Swindon Tawn, Norwiç Siti—West Bromwiç, Oksford Ýunaýted—Sanderland, Port Weýl—Bristol Siti, Southempton—Lester Siti, Stok Siti—Fulham, Reksam—Ipswiç Tawn.




| 16-njy ýanwar (anna) |
|---|
| Monako – Loriýan (23:00) |
| **PSŽ – Lill (01:00)** |
| **17-nji ýanwar (şenbe)** |
| **M. Ýunaýted – Man. Siti (17:30)** |
| **Real Madrid – Lewante (18:00)** |
| Udineze – Inter (19:00) |
| Hoffenhaým – Baýer (19:30) |
| Borussiýa D – Sankt-Pauli (19:30) |
| Liwerpul – Börnli (20:00) |
| **Tottenham – West Ham (20:00)** |
| **Çelsi – Brentford (20:00)** |
| Napoli – Sassuolo (22:00) |
| **Leipsig – Bawariýa (22:30)** |
| **N. Forest – Arsenal (22:30)** |
| Al-Nassr – Al-Şabab (22:30) |
| Kaliari – Ýuwentus (00:45) |
| Betis – Wilýarreal (01:00) |
| **18-nji ýanwar (ýekşenbe)** |
| Atletiko – Alawes (20:15) |
| **Aston Willa – Ewerton (21:30)** |
| Torino – Roma (22:00) |
| Milan – Leçce (00:45) |
| **R. Sosiedad – Barselona (01:00)** |



# «Albasete» taryhynda ilkinji gezek «Real Madridi» ýeňdi

Ispaniýanyň Şa Kubogy bäsleşiginde şa kluby hasaplanýan «Real Madrid» üçin ýaryş wagtyndan juda ir tamamlandy. 1/8 finalda 2-nji liganyň wekili «Albaseteden» 3–2 hasabynda utulan «Real Madrid» çärýek finalyň bosagasyndan yzyna gaýtdy. Täze tälimçi Alwaro Arbeloa ilkinji duşuşykda käbir ýyldyzlaryny meýdança goýbermedi. Duşuşygyň 1-nji ýarymy Willar bilen Mastantuononyň garşylykly geçiren gollary esasynda 1–1 hasabynda tamamlandy. 2-nji ýarymda 2-nji ligada 17-nji orunda barýan «Albasete» topary Betankoryň 82-nji minutdaky goly bilen öňe saýlandy. 90+1-nji minutda «Realyň» ýaş oýunçysy Gonzalo Garsiýa hasaby deňlese-de, 90+4-nji minutda Betankor ýene bir gezek tapawutlanyp, toparyna ýeňiş getirdi. Taryhynda ilkinji gezek «Real Madridi» ýeňen «Albasete» topary çärýek finala çykdy.

Şeýle-de, 1/8 finalda «Atletiko» myhmançylykda «Deportiwony» Grizmannyň goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. «Betis» «Elçeden» 2–1, «Atletik Bilbao» bolsa myhmançylykda 2-nji liganyň wekili «Kultural Leonesa» toparyny goşmaça wagtda 4–3 hasabynda utdy. «Real Sosiedad» esasy wagty 2–2 hasabynda deňlikde tamamlanan oýunda 11 metrlik urgularyndan soň «Osasunany» ýaryşdan çykardy.



# «Pariž» PSŽ-ni kubok ýaryşyndan çykardy

**Fransiýanyň PSŽ topary 2026-njy ýyly geçen ýylky ýaly 6 kubok bilen tamamlap bilmez. Sebäbi PSŽ topary Fransiýanyň Kubogy ýaryşynda Pariž derbisinde «Pariž» toparyndan 1-0 hasabynda asgyn gelip, bäsleşikden çykdy. 1/32 finalyň çäginde geçirilen oýundaky ýeke-täk goly 74-nji minutda Jonatan Ikone öz adyna ýazdyrdy. PSŽ topary soňky 2 ýylda bu kubogy eýeläpdi.**

**Ýeri gelende bellesek, iki topar bu duşuşykdan öň çempionatda hem duşuşypdylar we şonda PSŽ 2-1 hasabynda ýeňiş gazanypdy.**

**«Marsel» topary myhmançylykda «Baýu» toparyny 9-0 hasabynda ýeňip, 1/16 finala çykdy. Duşuşykda Meýson Grinwud 3 gezek tapawutlanmagy başardy. «Lill» bilen «Lionyň» arasyndaky oýunda myhmanlar Moreira hem-de täze transfer Endrigiň gollary esasynda 2-1 hasabynda ýeňiş gazandy. «Monako» hem myhmançylykda «Orleans» toparyndan Balogun hem-de Ilenihenanyň (2) gollary bilen 3-1 hasabynda üstün çykyp, ýaryşy dowam etdirmäge ygtyýar aldy.**

| LA LIGA (19) — 18 gol |
|---|
| **Hetafe—Real Sosiedad: 1–2** (Huanmi 90 — Mendes 36, Aramburu 90+6), **Owiedo—Betis: 1–1** (Çaýra 64 — Lo Çelso 83), **Wilýarreal—Alawes: 3–1** (Moleýro 49, Mikautadze 75 – Martines 85), **Žirona—Osasuna: 1–0** (Wanat 44), **Walensiýa—Elçe: 1–1** (Pepelu 87 p — Dýangana 75), **Raýo Wallekano—Malýorka: 2–1** (De Frutos 4, Palason 42 p — Muriki 30), **Lewante—Espanýol: 1–1** (Losada 55 — Romero 53), **Sewilýa—Selta: 0–1** (Alonso 88 p) |

| ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/ | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
| 1 | BARSELONA | 19 | 16 | 1 | 2 | 53-20 | 49 |
| 2 | REAL MADRID | 19 | 14 | 3 | 2 | 41-17 | 45 |
| 3 | WILÝARREAL | 18 | 13 | 2 | 3 | 37-17 | 41 |
| 4 | ATLETIKO M | 19 | 11 | 5 | 3 | 34-17 | 38 |
| 5 | ESPANÝOL | 19 | 10 | 4 | 5 | 23-20 | 34 |
| 6 | BETIS | 19 | 7 | 8 | 4 | 31-25 | 29 |
| 7 | SELTA | 19 | 7 | 8 | 4 | 25-20 | 29 |
| 8 | ATLETIK B | 19 | 7 | 3 | 9 | 17-25 | 24 |
| 9 | ELÇE | 19 | 5 | 8 | 6 | 25-24 | 23 |
| 10 | R. WALLEKANO | 19 | 5 | 7 | 7 | 16-22 | 22 |
| 11 | R. SOSIEDAD | 19 | 5 | 6 | 8 | 24-27 | 21 |
| 12 | HETAFE | 19 | 6 | 3 | 10 | 15-25 | 21 |
| 13 | ŽIRONA | 19 | 5 | 6 | 8 | 18-34 | 21 |
| 14 | SEWILÝA | 19 | 6 | 2 | 11 | 24-30 | 20 |
| 15 | OSASUNA | 19 | 5 | 4 | 10 | 18-22 | 19 |
| 16 | ALAWES | 19 | 5 | 4 | 10 | 16-24 | 19 |
| 17 | MALÝORKA | 19 | 4 | 6 | 9 | 21-28 | 18 |
| 18 | WALENSIÝA | 19 | 3 | 8 | 8 | 18-31 | 17 |
| 19 | LEWANTE | 18 | 3 | 5 | 10 | 21-30 | 14 |
| 20 | OWIEDO | 19 | 2 | 7 | 10 | 9-28 | 13 |

| Iň köp pökgi geçirenler: | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 18 |
| 2 | Ferran TORRES (Barselona) | 11 |
| 3 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 11 |
| 4 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 9 |
| 5 | Kuço HERNANDES (Betis) | 8 |

| SERIE A (20) — 28 gol |
|---|
| **Komo—Bolonýa: 1–1** (Baturina 90+4 — Kambiýago 49), **Udineze—Pisa: 2–2** (Kabasele 19, Dewis 40 p —Tramoni 13, Meýster 67), **Roma—Sassuolo: 2–0** (Kone 76, Sule 79), **Atalanta—Torino: 2–0** (De Ketelare 13, Paşaliç 90+5), **Leçce—Parma: 1–2** (Ştuliç 1 — Gabriel 64 ö.d., Pellegrino 72), **Fiorentina—Milan: 1–1** (Komuzzo 66 — Nkunku 90), **Werona—Lasio: 0–1** (Nelsson 79 ö.d.), **Inter—Napoli: 2–2** (Dimarko 9, Çalhanoglu 73 p — MakTominey 26, 81), **Jenoa—Kaliari: 3–0** (Kolombo 7, Frendrup 72, Estigor 78), **Ýuwentus—Kremoneze: 5–0** (Bremer 12, Dewid 15 Ýyldyz 35, Terraçano 48 ö.d., MakKenni 64) |

| ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/ | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
| 1 | INTER | 20 | 15 | 1 | 4 | 43-17 | 46 |
| 2 | MILAN | 19 | 11 | 7 | 1 | 30-15 | 40 |
| 3 | NAPOLI | 20 | 12 | 4 | 4 | 30-17 | 40 |
| 4 | ÝUWENTUS | 20 | 11 | 6 | 3 | 32-16 | 39 |
| 5 | ROMA | 20 | 13 | 0 | 7 | 24-12 | 39 |
| 6 | KOMO | 19 | 9 | 7 | 3 | 27-13 | 34 |
| 7 | ATALANTA | 20 | 8 | 7 | 5 | 25-19 | 31 |
| 8 | LASIO | 20 | 7 | 7 | 6 | 21-16 | 28 |
| 9 | BOLONÝA | 19 | 7 | 6 | 6 | 26-20 | 27 |
| 10 | UDINEZE | 20 | 7 | 5 | 8 | 22-32 | 26 |
| 11 | TORINO | 20 | 6 | 5 | 9 | 21-32 | 23 |
| 12 | SASSUOLO | 20 | 6 | 5 | 9 | 23-27 | 23 |
| 13 | KREMONEZE | 20 | 5 | 7 | 8 | 20-28 | 22 |
| 14 | PARMA | 20 | 5 | 7 | 8 | 14-22 | 22 |
| 15 | JENOA | 20 | 4 | 7 | 9 | 22-29 | 19 |
| 16 | KALIARI | 20 | 4 | 7 | 9 | 21-30 | 19 |
| 17 | LEÇCE | 20 | 4 | 5 | 11 | 13-28 | 17 |
| 18 | FIORENTINA | 20 | 2 | 8 | 10 | 21-31 | 14 |
| 19 | PISA | 20 | 1 | 10 | 9 | 15-30 | 13 |
| 20 | WERONA | 19 | 2 | 7 | 10 | 15-31 | 13 |

| Iň köp pökgi geçirenler: | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 10 |
| 2 | Kristian PULIŞIÇ (Milan) | 8 |
| 3 | Rafael LEAO (Milan) | 7 |
| 4 | Kenan ÝYLDYZ (Ýuwentus) | 7 |
| 5 | Hakan ÇALHANOGLU (Inter) | 7 |

| BUNDESLIGA (17) — 26 gol |
|---|
| **Ştutgart—Aýntraht: 3–2** (Demirowiç 27, Undaw 35, Narti 87 — Kristensen 5, Amaimuni 80), **Maýns—Haýdenhaým: 2–1** (Widmer 30, Amiri 48 — Şimmer 60), **Borussiýa D—Werder: 3–0** (Şlotterbek 11, Sabitser 76, Girassi 83), **Wolfsburg—Sankt-Pauli: 2–1** (Eriksen 25 p, Peýçinowiç 88 — Smit 40), **Hoffenhaým—Borussiýa M: 5–1** (Kramariç 22 p, 45+1, 45+4, Lemperle 24, Moerştedt 77 — Matino 69), **Leipsig—Fraýburg: 2–0** (Orban 53, Romulo 56), **Köln—Bawariýa: 1–3** (Maina 41 — Gnabri 45+5, Kim Min Že 71, Karl 84), **Augsburg—Union Berlin, Hamburg—Baýer** |

| GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/ | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
| 1 | BAWARIÝA | 17 | 15 | 2 | 0 | 66-13 | 47 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 17 | 10 | 6 | 1 | 32-15 | 36 |
| 3 | LEIPSIG | 16 | 10 | 2 | 4 | 32-19 | 32 |
| 4 | ŞTUTGART | 17 | 10 | 2 | 5 | 32-25 | 32 |
| 5 | HOFFENHAÝM | 16 | 9 | 3 | 4 | 34-21 | 30 |
| 6 | BAÝER | 16 | 9 | 2 | 5 | 34-24 | 29 |
| 7 | AÝNTRAHT | 17 | 7 | 5 | 5 | 35-36 | 26 |
| 8 | FRAÝBURG | 17 | 6 | 5 | 6 | 27-29 | 23 |
| 9 | UNION BERLIN | 16 | 6 | 4 | 6 | 22-25 | 22 |
| 10 | BORUSSIÝA M | 17 | 5 | 4 | 8 | 23-29 | 19 |
| 11 | WOLFSBURG | 17 | 5 | 3 | 9 | 26-37 | 18 |
| 12 | KÖLN | 17 | 4 | 5 | 8 | 25-29 | 17 |
| 13 | WERDER | 16 | 4 | 5 | 7 | 18-31 | 17 |
| 14 | HAMBURG | 16 | 4 | 4 | 8 | 17-27 | 16 |
| 15 | AUGSBURG | 16 | 4 | 2 | 10 | 17-32 | 14 |
| 16 | MAÝNS | 17 | 2 | 6 | 9 | 17-29 | 12 |
| 17 | SANKT-PAULI | 16 | 3 | 3 | 10 | 14-28 | 12 |
| 18 | HAÝDENHAÝM | 17 | 3 | 3 | 11 | 16-38 | 12 |

| Iň köp pökgi geçirenler: | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 20 |
| 2 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 10 |
| 3 | Maýkl OLISE (Bawariýa) | 9 |
| 4 | Luiz DIAZ (Bawariýa) | 9 |
| 5 | Haris TABAKOWIÇ (Borussiýa M) | 9 |

| SAUDI PRO LEAGUE (15) — 32 gol |
|---|
| **Al-Hazm—Al-Najma: 3–2** (Saýud 58, 90+6, Şammari 90+8 — Tiýaniç 8, Altulaýhi 43), **Al-Ittifak—Al-Halij: 1–2** (Mussa Dembele 1 — Fortunis 45 p, Hendri 86 ö.d.), **Al-Hilal—Al-Nassr: 3–1** (Aldawsari 57 p, Kanno 81, Ruben Neweş 90+2 p — Ronaldo 42), **Al-Uhdud—Al-Holud: 1–0** (Bassogog 54), **Al-Fateh—Al-Riýad: 3–1** (Delgado 11, 50, Batna 62 — Toze 80), **Damak—Al-Ittihad: 1–1** (Al-Kahtani 37 – Al-Şanketi 45), **Al-Kadsiýa—Al-Faýha: 5–0** (Kuinýones 47, 53, 61, Hussa 87, Retegi 90+3 p), **Al-Şabab—Neom: 3–2** (Al-Hammami 4, Karrasko 57 p, 61 — Buabre 6, Benrahma 49), **Al-Ahli—Al-Taawun: 2–1** (Al-Hawsawi 62, Touni 90+14 p — Martines 45+1 p) |

| SAUD ARABYSTANYNYŇ ÇEMPIONATY /SPL/ | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
| 1 | AL-HILAL | 14 | 12 | 2 | 0 | 38-13 | 38 |
| 2 | AL-NASSR | 14 | 10 | 1 | 3 | 39-15 | 31 |
| 3 | AL-TAAWUN | 14 | 10 | 1 | 3 | 30-16 | 31 |
| 4 | AL-AHLI | 14 | 9 | 4 | 1 | 21-11 | 31 |
| 5 | AL-KADISIÝA | 14 | 9 | 3 | 2 | 31-13 | 30 |
| 6 | AL-ITTIHAD | 14 | 8 | 3 | 3 | 28-17 | 27 |
| 7 | AL-ITTIFAK | 14 | 6 | 4 | 4 | 24-25 | 22 |
| 8 | AL-HALIJ | 14 | 6 | 3 | 5 | 32-22 | 21 |
| 9 | NEOM | 14 | 6 | 2 | 6 | 20-23 | 20 |
| 10 | AL-FATEH | 14 | 6 | 2 | 6 | 19-23 | 20 |
| 11 | AL-HAZM | 14 | 4 | 4 | 6 | 14-22 | 16 |
| 12 | AL-FAÝHA | 14 | 3 | 4 | 7 | 12-26 | 13 |
| 13 | AL-HOLUD | 14 | 4 | 0 | 10 | 19-27 | 12 |
| 14 | AL-ŞABAB | 14 | 2 | 5 | 7 | 12-22 | 11 |
| 15 | DAMAK | 14 | 1 | 7 | 6 | 11-25 | 10 |
| 16 | AL-RIÝAD | 14 | 2 | 3 | 9 | 13-31 | 9 |
| 17 | AL-UHDUD | 14 | 2 | 2 | 10 | 10-25 | 8 |
| 18 | AL-NAJMA | 14 | 0 | 2 | 12 | 15-32 | 2 |

| Iň köp pökgi geçirenler: | | |
|---|---|---|
| 1 | Kristiano RONALDO (Al-Nassr) | 15 |
| 2 | Žoao FELIKS (Al-Nassr) | 13 |
| 3 | Joşua KING (Al-Halij) | 12 |
| 4 | Hulian KUINÝONES (Al-Kadsiýa) | 12 |
| 5 | Iwan TOUNI (Al-Ahli) | 10 |

# «Bawariýa» täze ýyla hem ýeňişler bilen başlady

Germaniýanyň çempionatynda arakesme tamamlanyp, klublar soňky 7 günde 2 tapgyryň duşuşyklaryny geçirdiler. «Bawariýa» 16-njy tapgyrda öz meýdançasynda «Wolfsburgy» 8–1 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda münhenlileriň geçiren gollarynyň 2-si awtogol bolup, Olise 2 gezek tapawutlandy. «Bawariýa» 17-nji tapgyrda «Köln» toparynyň myhmany boldy. Duşuşykda ýer eýeleri Mainanyň goly bilen öňe geçse-de, «Bawariýa» Gnabri, Kim Min Že hem-de Karlyň gollary bilen 3–1 hasabynda ýeňiş gazanyp, ýeňlişsiz ýörişini dowam etdirdi. 16-njy tapgyrda «Aýntraht» bilen deňme-deň oýnan «Borussiýa Dortmund» öz meýdançasynda «Werderi» 3–0 hasabynda ýeňdi.



**Italiýanyň çempionatynda** 20-nji tapgyryň merkezi oýnunda «Inter» bilen «Napoli» toparlary duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda ýeňiş gazanan bolmady. 2–2 hasabynda deňlikde tamamlanan duşuşykda «Interiň» gollaryny Dimarko (9) bilen Çalhanoglu (73 p) geçirdi. «Inter» toparyna her gezek «Napoli» kluby şotland oýunçysy Skott MakTomineýiň goly bilen jogap berip, meýdançany 1 utuk bilen terk etdi. «Milan» myhmançylykda «Fiorentina» bilen duşuşyp, bu gezek oýnuň soňky minutlarynda ýeňlişden halas boldy (1–1). «Roma» öz meýdançasynda «Sassuolony» Kone hem-de Suleniň 3 minutyň dowamynda geçiren gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňdi. «Ýuwentus» Turinde «Kremoneze» toparynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol girizdi. Gollary Bremer (12), Dewid (15), Ýyldyz (35), Terraçano (48 ö.d.) hem-de MakKenni (64) geçirdi. «Inter» topary 16-njy tapgyryň galdyrylan duşuşygynda «Leççeni» Espositonyň ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. Çempion «Napoli» bolsa öz meýdançasynda «Parma» bilen golsuz deňme-deň oýnady.

**Ispaniýanyň çempionatynda** 19-njy tapgyrda «Barselonadyr» «Real Madrid» duşuşyklaryny öň geçiripdi. «Wilýarreal» topary öz meýdançasynda «Alawes» toparyny Moleýro, Morena, Mikautadzeniň gollary bilen 3–1 hasabynda ýeňdi. Bu ýeňişden soň «Wilýarreal» 1 oýny az hem bolsa «Atletikodan» öňe saýlanyp, 3-nji orna beýgeldi.

**Saud Arabystanynyň çempionaty** SPL-de täze ýyla geçip, sanawyň lideri üýtgedi. «Al-Nassr» topary ilkinji 10 duşuşygynda ýeňiş gazanyp, çempionatyň rekordyny goýupdy. Ýöne 2026-njy ýyla geçip, oýnan 4 duşuşygynda ýeňiş gazanmak başartmady. Paýtagt derbisinde, myhmançylykda «Al-Hilal» bilen duşuşan «Al-Nassr» 3–1 hasabynda asgyn gelip, bassyr 3-nji duşuşygynda ýeňlişe sezewar boldy. Duşuşykda Ronaldonyň çempionatdaky 15-nji goly bilen öňe geçen «Al-Nassryň» derwezesinden «Al-Hilal» toparynyň oýunçylarynyň 2-si 11 metrlik jerime urgusyndan 3 gol geçirdi. Duşuşygyň 60-njy minutynda «Al-Nassr» toparynyň derwezeçisi Alakidiniň gyzyl kart almagy ýeňlişiň esasy sebäpleriniň biri boldy. «Al-Ahli» bilen «Al-Taawunyň» arasyndaky oýun çekeleşikli we dartgynly geçdi. 2–1 hasabynda üstün çykan «Al-Ahli» toparynyň ýeňiş goluny 90+14-nji minutda Iwan Touni 11 metrlik jerime urgusyndan geçirdi.



# «Mançester Siti» bilen «Arsenal» finala golaý

Angliýanyň Liga Kubogy (EFL Cup) ýaryşynyň ýarym finalynyň birinji oýunlary geçirildi. «Nýukasl» öz meýdançasynda «Mançester Sitiden» 2–0 hasabynda asgyn geldi. Şäherlileriň gollaryny täze transfer Semenýo (53) bilen Şerki (90+8) öz atlaryna ýazdyrdylar. London derbisinde bolsa «Arsenal» myhmançylykda «Çelsini» 3–2 hasabynda utdy (Garnaço 57, 83 — Waýt 7, Gýokereş 49, Zubimendi 71). Jogap oýunlary 3-4-nji fewralda oýnalar.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# «Barselonanyň» 16-njy, PSŽ-niň 14-nji, «Fenerbahçeniň» 4-nji Super Kubogy








### Ýene-de «Real Madridden» üstün çykdy

Ispaniýanyň Super Kubogyna ýene bir ýola «Barselona» topary mynasyp boldy. Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýadda geçirilen ýaryşyň finalynda, «El Klasikoda» «Barselona» topary köne bäsdeşi «Real Madridi» 3–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Çekeleşikli geçen oýnuň 1-nji ýarymynyň ahyrky pursatlary has ýatda galyjy boldy. Duşuşygyň 36-njy minutynda braziliýaly ýyldyz Rafinýa «Barselonany» öňe saýlady. 45+2-nji minutda bolsa başga bir braziliýaly ýyldyz oýunçy Winisius Junior owadan gol geçirip, hasaby deňledi. 45+4-nji minutda Lewandowskiniň goly bilen katalonlar ýaňadan öňe geçse-de, 2 minut soň «Real Madrid» ýaş oýunçysy Gonzalo Garsiýanyň goly esasynda hasaby deňledi.

Duşuşygyň 73-nji minutynda Rafinýa oýundaky 2-nji goluny geçirip, toparyny ýene bir gezek öňe saýlady. Madridlilere bu gola jogap bermek başartmady. Şunlukda, 3–2 hasabynda ýeňiş gazanan «Barselona» topary bassyr 2-nji, umumylykda 16-njy gezek Ispaniýanyň Super Kubogyna mynasyp boldy. Geçen ýyl 5–2, bu ýyl 3–2 hasaplar bilen köne garşydaşyndan utulan «Real Madridiň» bolsa 13 Super Kubogy bar. «Barselona» ýarym finalda «Atletik Bilbaony» 5–0 (F. Torres 22, Lopes 30, Bardagji 34, Rafinýa 38, 52), «Real» bolsa «Atletikony» 2–1 (Walwerde 2, Rodrigo 55 — Sörlot 58) hasabynda ýeňipdi.

### Soňky 13 ýylda 12-nji gezek

Fransiýanyň Super Kubogy (Trophée des Champions) duşuşygynda çempion hem-de kubogyň eýesi PSŽ ýeňiş gazandy. Kuweýtiň paýtagty Kuweýt şäherindäki Jaber Al-Ahmad adyndaky Halkara stadionda geçirilen duşuşykda «Marsel» bilen duşuşan PSŽ 13-nji minutda Usman Dembeleniň goly bilen öňe saýlandy. Oýnuň 76-njy minutynda Meýson Grinwud 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup, hasaby deňledi. 87-nji minutda bolsa Paçonyň awtogoly bilen «Marsel» öňe geçdi. Ýöne oýna soň giren Gonsalu Ramuş ýene bir gezek toparyny ýeňlişden halas etdi. Ozalam telim gezek soňky minutlarda tapawutlanyp, toparyna ýeňiş getiren ýa-da toparyny ýeňlişden halas eden portugaliýaly hüjümçi 90+5-nji minutda hasaby deňledi. Oýundan soň gönümel 11 metrlik urgulary geçirilip, PSŽ 4–2 hasabynda üstün çykdy we soňky 13 ýylda 12-nji, umumylykda-da 14-nji gezek Fransiýanyň Super Kubogyny gazandy. PSŽ topary 2013-nji ýyldan bäri diňe 2021-nji ýylda bu kubogy gazanyp bilmedi. PSŽ topary ilkinji 2 Super Kubogyny 1995-nji we 1998-nji ýyllarda eýeläpdi.

«Marsel» bolsa 14 ýyldan soň ilkinji kubogyny gazanmak mümkinçiligini elden giderdi. Olar soňky sapar 2012-nji ýylda Liga Kubogyny gazanypdy.

### 8 ýyldan soň

Türkiýäniň Super Kubogy ýaryşynyň finalynda, Stambul derbisinde çempion «Galatasaraý» bilen «Fenerbahçe» duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda «Fenerbahçe» topary 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Olara ýeňiş getiren gollary täze transfer Genduzi (28) bilen Osterwolde (48) geçirdi. Şunlukda, «Fenerbahçe» topary 2014-nji ýyldan soň bu kubogy 4-nji gezek gazanmagy başardy. «Fenerbahçe» topary mundan öň ýaryşyň ady 2006-njy ýylda Türkiýäniň Super Kubogy bolanyndan soň 2007-nji, 2009-njy we 2014-nji ýyllarda gazanypdy.

Geçen ýyl «Beşiktaşdan» 5–0 hasabynda asgyn gelen «Galatasaraý» 5-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy. «Jim Bomuň» 7 Super Kubogy bolup, olar bu ugurda öňdäki orny eýeläp gelýär.

«Fenerbahçe» ýarym finalda «Samsunspory» 2-0 (Aktürkoglu 4, Duran 67), «Galatasaraý» bolsa Türkiýäniň Kubogynyň ýeňijisi «Trabzonspory» 4–1 (Ýylmaz 38, Elmaly 45+3, Akgün 63, Ikardi 81 — Felipe Augusto 55) hasabynda utupdy.

## «EL KLASIKODAKY» ÝEŇLIŞIŇ NETIJESI:

# «Real Madrid» tälimçisini çalyşdy

Ispaniýanyň Super Kubogy ýaryşynyň finalynda, «El Klasikoda» «Barselonadan» 3–2 hasabynda asgyn gelen «Real Madrid» toparynda tälimçi Habi Alonsonyň wezipesinden boşadylandygy habar berildi.

Topar tarapyndan berlen beýanatda ýaş tälimçä klubuň çäginde bitiren hyzmatlary üçin köp sagbolsun aýdylýar we mundan soňky durmuşynda hem-de işinde uly üstünlikler arzuw edilýär.



Geçen tomsuň ilkinji gününde «Real Madridiň» tälimçiligine bellenen 44 ýaşly Alonso ispan toparynyň düzüminde 34 oýunda 24 ýeňiş gazandy, 6 oýunda utulyp, 4 duşuşyk deňlikde tamamlandy.

«Real Madrid» çempionatda 45 utuk bilen «Barselonadan» 4 utuk yzda, ýagny 2-nji ýerde barýar. Habi Alonso 2019-njy ýylyň iýunynda tälimçilige başlap, 2022-nji ýylyň iýunyna çenli «Real Sosiedadyň» B toparyna tälim berdi. 2022-nji ýylyň oktýabrynda-da Germaniýada Lewerkuzeniň «Baýer» toparynyň tälimçiligine bellenen Alonso bu kluba taryhy çempionlyk gazandyrdy. «Bundesligada» ýeňlişsiz çempionlygyň üstüni Germaniýanyň Kubogynyň ýeňşi bilen ýetiren Germaniýanyň Super Kubogyny hem gazandy. Şol sanda UEFA Ýewropa Ligasynda-da finala çykdy.

# Alonsonyň ornuna Arbeloa



«Real Madrid» toparyna Habi Alonsonyň ornuna maý aýyndan bäri klubuň B toparyny türgenleşdirip gelýän Alwaro Arbeloa tälim berer. Häzirlikçe onuň bilen wagtlaýyn şertnama baglaşyldy. Arbeloanyň görkezjek başarnygyna görä, ol topardaky işini dowam etdirip biler. 42 ýaşyndaky Arbeloa professional futbol karýerasyna «Real Madridde» başlap, bu toparyň esasy düzüminde 2004-nji ýylda hem-de 2009–2016-njy ýyllar aralygynda oýnapdy. Ol Habi Alonso bilen bilelikde «Realyň» köýnekçesini geýipdi.

# Çempionlar Ligasynyň 7-nji duşuşyklary geçiriler

**UEFA Çempionlar Ligasynda 1,5 aýlyk arakesme tamamlanýar. Liga tapgyrynyň galan oýunlary 7-nji duşuşyklar 20-21-nji, 8-nji duşuşyklar 28-nji ýanwarda oýnalar. 7-nji tapgyrda «Inter» – «Arsenal», «Tottenham» – «Borussiýa Dortmund», «Real Madrid» – «Monako», «Galatasaraý» – «Atletiko», «Ýuwentus» – «Benfika», «Marsel» – «Liwerpul» duşuşyklary öňe saýlanýan oýunlar hasaplanýar. 6-njy oýunlardan soň «Arsenal» ýeke utuk hem ýitirmän gelýär. Londonlylar şol 6 duşuşykda diňe 1 gol geçirtdi.**

**Şeýle-de, Ýewropa Ligasynda 7-nji tapgyryň oýunlary 22-nji ýanwarda geçiriler.**




# «Mancester Sitiniň» täze hüjümçisi

Angliýanyň «Mançester Siti» topary çempionatyň erjel hüjümçileriniň biri bolan Antuan Semenýony transfer etdi. Şäherliler bu transfer üçin «Bornmut» toparyna 62,5+1,5 million funt sterling tölär. 7-nji ýanwarda 26 ýaşyny dolduran ganaly hüjümçi «Mançester Siti» bilen 5,5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol täze klubunda 42-nji belgili köýnekçäni geýer.

Karýerasyna Angliýanyň «Bristol Siti» toparynda başlan Antuan Semenýo bu klubda 125 oýunda 21 gol geçirdi. Ol «Bristol Sitide» oýnaýan mahaly «Bait Siti», «Nýuport Kaunti», «Sanderland» toparlarynda kärendesine çykyş edipdi.

2022-nji ýylyň ýanwarynda «Bornmutyň» düzümine goşulan Semenýo bu toparda 110 duşuşykda 32 goly öz adyna ýazdyrdy. Ol dowam edýän şu möwsümde APL-de 20 oýunda 10 gezek tapawutlandy. Şeýle-de, Semenýo «Sitiniň» düzüminde oýnan 2 duşuşygynda eýýäm 2 gol geçirip, 1 goluň pasyny berdi.

Ol Gananyň milli ýygyndysynda-da 32 duşuşykda 3 goly derweze girizdi.







### 1,5 ýyldan soň Londona dolandy

«Atletiko Madridiň» angliýaly 25 ýaşyndaky ýarymgoragçysy Konor Gallaher 1,5 ýyldan soň Londona dolandy. Ozal «Çelside» oýnan Gallaher paýtagtyň başga bir kluby «Tottenham» bilen uzak möhletleýin şertnama gol çekişdi. Gallaheriň transferi üçin «Tottenham» topary «Atletiko Madride» 35 million funt sterling tölär. Gallaher ispan toparynda 77 oýunda meýdança çykyp, 7 gol geçirdi. «Çelside» karýerasyna başlan Gallaher «Çarlton», «Swansi», «West Bromwiç», «Kristal Palas» ýaly klublarda hem kärendesine çykyş etdi.

## SUNGAT

**«Awatar: ot we kül» filminiň girdejisiniň 1 milliard 235 million amerikan dollaryna ýetmeginden soň, bu ekran eserini surata düşüren Jeýms Kameron 4 kinosy 1 milliard amerikan dollaryndan köp kassa ýygymyny toplan ilkinji režissýor hökmünde taryha girdi.**

# 83-nji «Altyn globus» baýraklary gowşuryldy

**Kino sungatynda baýrak gowşuryluş möwsüminiň esasy baýraklarynyň biri bolan, Oskaryň buşlukçysy hasaplanýan «Altyn globusyň» ýeňijileri mälim edildi. «Hollywood»-daky daşary ýurtly žurnalistler guramasynyň guramaçylygyndaky baýraklaryň 83-nji gowşuryluş dabarasy hemişekiler ýaly Kaliforniýadaky «The Beverly Hilton» myhmanhanasynda geçirildi.**

Nikki Gleýzeriň alyp baran dabarasynda drama görnüşde iň gowy film baýragyna «Hamnet» kinosy laýyk görüldi. Iňlis dramaturgy William Şekspiriň şahsy durmuşy baradaky bu filme Oskaryň eýesi, hytaýly zenan Hloýa Çžao režissýorlyk edýär. Bu ekran eseri iňlis dilinde bolmadyk 3 filmden («Duýguçyllygyň gymmaty», «Syrly jansyz», «Ýönekeý bir tötänlik») hem-de «Frankenşteýn» we «Günäkärler» kinolaryndan öňe saýlandy.

Iň gowy mýuzikl ýa-da komediýa görnüşli film ugry boýunça bolsa «Uruş üstüne uruş» filmi «Altyn globus» baýragynyň eýesi boldy. Bu kino hem iňlis dilinde bolmadyk 2 film («Başga alaç ýok», «Täze akym»), şol sanda «Bugoniýa», «Mawy Aý», «Ussat Marti» ýaly kinolary yzda galdyrdy. Filmiň edebi esasyny ýazyp, surata düşüren Pol Tomas Anderson iň gowy režissýor hem-de iň gowy ssenariý baýraklaryna laýyk görüldi.

Iň gowy aktýor ugry boýunça drama filmleri üçin brazil kinosy «Syrly jansyz» filminiň ýyldyzy Wagner Moura «Altyn globusyň» ýeňijisi boldy. Bu film iňlis dilinde bolmadyk iň gowy daşary ýurt kinosy diýlip hem saýlandy. Kleber Mendonsa Filionyň režissýorlyk eden bu kinosy birnäçe güýçli dalaşgärlerden tapawutlanmagy başardy. Mýuzikl ýa-da komediýa filmleriniň iň gowy aktýory baýragyna «Ussat Marti» kinosynyň ýyldyzy Timoti Şalame laýyk görüldi.

Iň gowy aktrisa baýraklaryna drama filmleri üçin «Hamnet» kinosynyň ýyldyzy Jessi Bakli, mýuzikl ýa-da komediýa filmleri üçin bolsa «Eger aýaklarym bolsady, men seni deperdim» kinosyndaky keşbi bilen Rouz Börn mynasyp boldy.

Ikinji plandaky iň gowy aktýor baýragyna «Duýguçyllygyň gymmaty» filmindäki keşbi üçin artist Stellan Skarsgard, ikinji plandaky iň gowy aktrisa baýragyna-da «Uruş üstüne uruş» filmindäki keşbi üçin Teýana Teýlor laýyk görüldi.



Şeýle-de, iň gowy animasiýa diýlip, «Netflix»-iň önümi bolan «K-Pop şeýtan awçylary» multfilmi saýlandy. Animasiýadaky «Golden» atly aýdym iň gowy aýdym baýragyna mynasyp boldy.

Braýan Krugleriň surata düşüren «Günäkärler» filminiň sazlarynyň awtory Ludwig Goransson iň gowy saz baýragy bilen sylaglandy. Şol bir wagtyň özünde bu film «Altyn globusyň» çäginde 3-nji gezek gowşurylýan Kinematografik we prokatdaky üstünlik baýragyna-da laýyk görüldi.

Seriallaryň arasynda iň gowy drama serialy diýlip, «HBO Max»-yň önümi bolan «Pitt hassahanasy», iň gowy mýuzikl ýa-da komediýa serialy diýlip hem «Apple TV»-niň ekran eseri «Studiýa» serialy saýlandy.



Iki serialyň hem baş keşplerini janlandyrýan artistler degişlilikde, Noa Waýl bilen Set Rojen iň gowy aktýor baýraklaryna laýyk görüldi. Iň gowy aktrisa diýlen ugurda drama seriallary boýunça Rea Sihorn («Köpüň biri»), mýuzikl ýa-da komediýa seriallary boýunça Jin Smart («Hilegärler») «Altyn globusa» laýyk görüldi.

«Netflix»-iň «Ýetginjeklik» serialy-da iň gowy gysga göwrümli serial ýa-da telefilm baýragynyň ýeňijisi boldy. Serialda surata düşen Stefen Grem gysga göwrümli seriallaryň iň gowy aktýory, Owen Kuper gysga göwrümli seriallaryň ikinji plandaky iň gowy aktýory, Erin Doerti bolsa gysga göwrümli seriallaryň ikinji plandaky iň gowy aktrisasy diýlip saýlandy.










**Filmler boýunça «Altyn globusyň» ýeňijileri:**
**Iň gowy film (drama):** «Hamnet» (Hamnet)
**Iň gowy film (mýuzikl ýa-da komediýa):** «Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
**Iň gowy aktýor (drama):** Wagner Moura – «Syrly jansyz» (O Agente Secreto)
**Iň gowy aktrisa (drama):** Jessi Bakli – «Hamnet» (Hamnet)
**Iň gowy aktýor (mýuzikl ýa-da komediýa):** Timoti Şalame – «Ussat Marti» (Marty Supreme)
**Iň gowy aktrisa (mýuzikl ýa-da komediýa):** Rouz Börn – «Eger aýaklarym bolsady, men seni deperdim» (If I Had Legs I'd Kick You)
**Ikinji plandaky iň gowy aktýor:** Stellan Skarsgard – «Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi)
**Ikinji plandaky iň gowy aktrisa:** Teýana Teýlor – «Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
**Iň gowy režissýor:** Pol Tomas Anderson – «Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
**Iň gowy ssenariý:** Pol Tomas Anderson – «Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
**Iňlis dilinde bolmadyk iň gowy film:** «Syrly jansyz» (O Agente Secreto) – Braziliýa
**Iň gowy animasiýa:** «K-Pop şeýtan awçylary» (KPop Demon Hunters)
**Iň gow aýdym:** «Golden» – «K-Pop şeýtan awçylary» (KPop Demon Hunters)
**Iň gowy saz:** «Günäkärler» (Sinners) – Ludwig Goransson
**Kinematografik we prokatdaky üstünlik baýragy:** «Günäkärler» (Sinners)

**Seriallar boýunça «Altyn globusyň» ýeňijileri:**
**Iň gowy serial (drama):** «Pitt hassahanasy» (The Pitt)
**Iň gowy serial (mýuzikl ýa-da komediýa):** «Studiýa» (The Studio)
**Iň gowy serial (gysga göwrümli ýa-da telefilm):** «Ýetginjeklik» (Adolescence)
**Iň gowy aktýor (drama):** Noa Waýl – «Pitt hassahanasy» (The Pitt)
**Iň gowy aktrisa (drama):** Rea Sihorn – «Köpüň biri» (Pluribus)
**Iň gowy aktýor (mýuzikl ýa-da komediýa):** Set Rojen – «Studiýa» (The Studio)
**Iň gowy aktrisa (mýuzikl ýa-da komediýa):** Jin Smart – «Hilegärler» (Hacks)
**Iň gowy aktýor (gysga göwrümli ýa-da telefilm):** Stefen Grem – «Ýetginjeklik» (Adolescence)
**Iň gowy aktrisa (gysga göwrümli ýa-da telefilm):** Mişell Williams – «Söýgi üçin ölmek» (Dying for S)
**Ikinji plandaky iň gowy aktýor (gysga göwrümli ýa-da telefilm):** Owen Kuper – «Ýetginjeklik» (Adolescence)
**Ikinji plandaky iň gowy aktrisa (gysga göwrümli ýa-da telefilm):** Erin Doerti – «Ýetginjeklik» (Adolescence)
**Iň gowy stend-ap komediýa gepleşigi:** «Ricky Gervais: Mortality» – Riki Žerweýs



# Oskarly animasiýa gara pişik alýanlaryň sanyny köpeltdi

**Geçen ýylyň mart aýynda geçirilen 97-nji Oskar baýraklarynda latwiýaly režissýor Gints Zilbalodisiň «Akym» (Straume, 2024) atly multfilmi iň gowy animasiýa hem-de iň gowy halkara film ugurlary boýunça ýeňiji bolupdy. Bu animasiýada batyrgaý gara pişigiň başdan geçirenleri barada gürrüň berilýär. Sözsüz bolan bu animasiýa diňe bir Oskar däl, eýsem, «Altyn globus», «Independent Spirit», «Sezar», «Annie» ýaly, 40 töweregi baýrak gazandy. Animasiýanyň ençeme baýrak gazanmagyndan soň dünýädäki gara pişikleriň bagty açyldy diýse bolar.**

**Mälim bolşy ýaly, pişikleriň gara reňklileri bilen baglanyşykly dürli-dürli yrymlar, ynançlar, garaýyşlar bar. Ýöne bu animasiýadan soň gara pişikler hakyndaky düşünjelerde azda-kände üýtgeşmeler peýda bolup başlady. Haýwan saklanylýan ýerlerden gara pişikleri öýlerine alyp gidýänleriň sanynda görnetin öňegidişlik duýulýar. Hatda täze pişik edinýänleriň arasynda jandarlarynyň atlaryny şol animasiýa salgylanyp goýýanlaryň sanynyň hem köpelendigi bellenilýär.**

**Mahlasy, Braziliýadan Ispaniýa, ABŞ-dan Aziýa çenli iňlis dilinde «Flow» diýlip at goýlan bu multfilmiň gara pişiklere bolan garaýşa oňaýly täsir edendigi hasaba alyndy. Bu bolsa täsirli beýan edişiň global güýjüni görkezýär. Şu animasiýa çeper beýan edişiň täzeçillige ymtylýanlar üçin ylham çeşmesi bolýandygyny ýene bir ýola subut edýär diýip, hünärmenler belleýärler.**

**Ýeri gelende bellesek, animasiýa üçin 3,5 million ýewrolyk çykdajy edilip, ol prokatlardan 50 million ýewro möçberinde kassa ýygymyny toplapdy.**

